TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– AGZYBIRLIKDE DÖREDIJILIKLI IŞLÄP, DÖWRÜMIZI, DÖWLETIMIZI HAS-DA BEÝGELTMELIDIRIS. GELJEGE YNAM BILEN GARAP, ÖŇE TARAP BUÝSANÇLY GADAM URMALYDYRYS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
9-njy sentýabr, 2022. Belgisi 36/1498



# TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARY IŞJEŇ ÖSDÜRILÝÄR

**7-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň Ýewraziýa işleri boýunça ýörite wekili Li Hueýi kabul etdi.**

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik we myhmansöýerlik üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň we Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Kesýanyň iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Bellenilişi ýaly, Hytaýda Türkmenistanyň häzirki wagtdaky okgunly ösüşine we ýeten belent derejesine tüýs ýürekden begenýärler. Döwrümiziň syýasy işgärleriniň täze nesliniň görnükli wekili – hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda we tutuş halkyň goldaw bermeginde Türkmenistanyň mundan beýläk-de uly üstünlikleri gazanjakdygyna ynam bildirildi.

Döwlet Baştutanymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, dostlukly ýurduň ýolbaşçy düzümine özüniň mähirli sözlerini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasy bilen gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilmegi we berkidilmegi, täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylmagy ugrundaky tagallalaryň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridigini belledi. Şeýle-de, hormatly Prezidentimiz Hytaýyň Syçuan welaýatynda bolup geçen, köp sanly adam pidalaryna, şikes ýetmelere hem-de weýrançylyklara getiren ýertitreme zerarly çuňňur gynanjyny aýdyp, tebigy betbagtçylykdan ejir çekenleriň ählisiniň tiz wagtda sagalmaklary baradaky dileglerini beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk barada aýdyp, Hytaýyň Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan ilkinji ýurtlaryň biridigini belledi. Geçen 30 ýylyň dowamynda deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak we ynanyşmak esasynda ýola goýlan türkmen-hytaý gatnaşyklary iki halkyň abadançylygynyň bähbidine işjeň ösdürilýär.

Söhbetdeşler häzirki wagtda döwletara gatnaşyklaryň okgunly ösdürilýändigini we bilelikdäki tagallalar esasynda ägirt uly tejribe toplanandygyny kanagatlanma bilen belläp, syýasy ugurdaky gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigini nygtadylar. Hyzmatdaşlyk iki ýurduň ýolbaşçylarynyň hoşniýetli syýasy erki esasynda ösdürilýär we ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn görnüşde, şol sanda «Merkezi Aziýa+Hytaý» hyzmatdaşlygynyň çäklerinde üstünlikli ilerledilýär.

Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň halkara giňişlikde işjeň hyzmatdaşlyk edýändigi, BMG-niň we beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerinde öňe sürülýän başlangyçlarda birek-birege yzygiderli goldaw berýändigi bellenildi. Dostlukly ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz hem-de myhman ähli ugurlarda üstünlikli ösdürilýän köpugurly döwletara gatnaşyklaryň geljekki mümkinçiliklerine ýokary baha berdiler we Beýik Ýüpek ýoly döwrüne çenli müňýyllyklara uzaýan taryhy kökleri bolan türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň oňyn geljeginiň bardygyna ynam bildirdiler.

Hormatly Prezidentimiz söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmegiň geljegi barada aýdyp, häzirki döwürde Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistanyň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşy bolup durýandygyny belledi. Öňde goýlan meýilnamalary durmuşa geçirmekde Hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-hytaý hökümetara komitetine uly işler ynanyldy. Ýangyç-energetika toplumy, ulag we aragatnaşyk, himiýa, dokma senagaty, ýokary tehnologiýalar ulgamy, maýa goýum işi we başga-da birnäçe pudaklar, netijeliligi hem-de bar bolan mümkinçilikleri nazara alnyp, möhüm ugurlar hökmünde kesgitlenildi.

Söhbetdeşligiň dowamynda myhman hytaý-türkmen gatnaşyklarynyň ösüşiň täze derejesine çykmagynda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýratyn hyzmatynyň bardygyny nygtady. Şeýle-de, Li Hueý Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň hormatly Arkadagyň şu ýylyň fewral aýynda hytaý tarapynyň çagyrmagy boýunça amala aşyran iş saparynyň çäklerinde, Pekinde geçirilen XXIV gyşky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasyna hormatly myhman hökmünde gatnaşan mahalyndaky duşuşyklaryny mähir bilen ýatlaýandygyny aýtdy hem-de hormatly Prezidentimize Hytaýyň ýolbaşçysynyň Gahryman Arkadagymyza salamyny, hoşniýetli arzuwlaryny iberendigi baradaky habary ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz aýdan mähirli sözleri üçin HHR-iň Başlygyna Gahryman Arkadagymyzyň adyndan tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda döwlet Baştutanymyz we HHR-iň Hökümetiniň Ýewraziýa işleri boýunça ýörite wekili Li Hueý birek-birege hoşniýetli arzuwlary aýdyp, Türkmenistan bilen Hytaýyň hem-de iki ýurduň doganlyk halklarynyň arasynda däp bolan dostluk, özara düşünişmek we ynanyşmak esasynda ýola goýulýan gatnaşyklaryň yzygiderli berkidiljekdigine ynam bildirdiler.

Duşuşyga Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sýan Naýçen hem gatnaşdy.

## Ýaşlar syýasaty: täze ösüşleriň buşlukçysy



Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň barha gülläp ösmeginde, Watanymyzyň şan-şöhratynyň, at-abraýynyň has-da belent derejelere göterilmeginde bagtyýar ýaşlaryň mynasyp paýy bar. Arkadagly Serdarymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary netijesinde ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi röwşen geljegiň eýeleri bolan ýaşlaryň kämil bilim almaklaryna, döredijilikli zähmet çekmeklerine, ata Watanymyza ak ýürekden gulluk etmeklerine uly mümkinçilikleri döredýär. ■ 3

## Halkara mediaforum geçirildi



5-nji sentýabrda paýtagtymyzdaky «Arçabil» myhmanhanasynda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 31 ýyllygy mynasybetli «Garaşsyz Türkmenistan halkara habarlar giňişliginde» atly halkara maslahat geçirildi.

Ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen Daşary işler ministrliginiň guramagynda geçirilen maslahatyň maksady Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýeten derejesini giňden ýaýmakdan we beýan etmekden, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ugry boýunça halkara hyzmatdaşlar bilen ýola goýlan netijeli gatnaşyklary ösdürmekden ybaratdyr. ■ 2

## Ýurdumyzda pagta ýygymyna badalga berildi

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzyň oba hojalyk ulgamyny ösdürmekde oňyn özgertmeler durmuşa geçirilýär. Bu bolsa, ýurdumyzyň babadaýhanlaryny halal zähmet çekip, ene toprakdan bol hasyl almaga ruhlandyrýar. Şu günler ýurdumyzyň ähli ýerinde ýetişdirilen pagtanyň bol hasylyny ýygnamak üçin uly işler alnyp barylýar.



Arkadagly Serdarymyzyň ak pata bermegi esasynda 7-nji sentýabrda Ahal, Balkan, Lebap we Mary welaýatlarynda il sylagly ýaşulularyň gatnaşmagynda pagta ýygymyna girişmek boýunça «ak kerwen» dabaralary geçirildi, 14-nji sentýabrda bolsa Daşoguz welaýatynda pagta ýygymyna girişiler.

Ýurdumyz boýunça pagta ýygymynda işlediljek kombaýnlaryň 1 müň 600-si, pagta daşamakda ulanyljak ulaglaryň 7 müň 800-si, şeýle-de pagta arassalaýjy kärhanalaryň 39-sy we pagta kabul ediş harmanhanalarynyň 158-si ýygym möwsümine doly taýýar edildi.

Pagtaçylyk ýurdumyzyň obasenagat toplumynyň möhüm pudagy bolmak bilen, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ýola goýmak boýunça giň gerimli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmeginde hem-de milli ykdysadyýetimiziň eksport mümkinçiliklerini giňeltmekde wajyp orny eýeleýär. Ýurdumyzyň toprak-howa şertleri pagtanyň orta we inçe süýümli görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek üçin diýseň amatlydyr.

Şeýle hem ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny berkitmekde maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda güýzlük bugdaý ekişine girişilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Döwlet Baştutanymyzyň ak pata bermegi bilen, bu möhüm oba hojalyk möwsümi ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda birbada badalga aldy.

Halkymyzyň asylly däbine görä, hormatly ýaşulular Beýik Biribardan ak bugdaýyň bol hasylyny dileg edip, oňat taýýarlanan topraga: «Her bir däneň müň bolsun!» diýen sözler bilen bugdaýyň ilkinji tohumlaryny sepip, nobaty mehanizatorlara berdiler. Ýurdumyzda 690 müň gektar ýere bugdaý ekiler. Daýhanlar şonça meýdandan 2023-nji ýylda 1 million 400 müň tonna bugdaý, şol sanda Ahal welaýatynda 400 müň, Mary welaýatynda 345 müň, Lebap welaýatynda 310 müň, Daşoguz welaýatynda 265 müň we Balkan welaýatynda 80 müň tonna däne ýygnamagy maksat edinýärler. ■ 3

## Köneürgenç – türkmen taryhynyň dürdänesi

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna laýyklykda ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli topary taryhy we medeni ýadygärliklerimizi dikeltmek, şonuň ýaly-da, ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek üçin bu desgalaryň sanyny artdyrmak babatynda welaýatlaryň çäklerinde degişli wagyz-nesihat işlerini yzygiderli guramagy dowam etdirýär. Şuňa laýyklykda, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň Sekretariaty tarapyndan 2022-nji ýylyň 8-10-njy sentýabrynda Türkmenistanyň Medeniýet ministirligi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi we Daşoguz welaýat häkimligi bilen bilelikde «Köneürgenç – türkmen taryhynyň ajaýyp dür dänesidir» atly maslahat geçirilýär. Maslahatda welaýatymyzyň çäklerinde ýerleşen taryhy ýadygärlikleriň täze tapgyryny ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek baradaky mümkinçilikleri öwrenmek göz öňünde tutuldy.

Maslahata gatnaşyjylar Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm çatrygynda ýerleşen, türkmen medeniýetiniň dörän ojaklarynyň biri bolan, halkymyzyň beýik geçmişiniň yzlary ýatan gadymy Gürgenjiň taryhy we medeni döwlet goraghanasynyň ýadygärlikler toplumyna zyýarat ederler.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyz syýasy-jemgyýetçilik, durmuş-ykdysady we medeni-ruhy ösüşiň täze belentliklerini nazarlaýar. Bu gün türkmen jemgyýetinde ähli ugurlar bilen birlikde halkymyzyň medeni geçmişi, taryhy-ruhy mukaddeslikleri hem täze öwüşgine eýe bolýar. Garaşsyz Türkmenistan gadymy siwilizasiýalaryň mirasdüşeri bolmak bilen BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO), Türki halklaryň Halkara medeniýet we sungat guramasy (TÜRKSOÝ), GDA ýaly iri halkara guramalary bilen medeniýet ugrunda netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Türkmenistanyň taryhy-medeni mirasynyň binalary halkymyz üçin bahasyz gymmatlykdyr we bütindünýä medeni mirasynyň aýrylmaz bölegidir.

Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärlikleri has gadymy döwürlere degişli bolup, ol binalar özboluşly gurluş äheňi, binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Dehistan, Nusaý, Köneürgenç, Amul, Merw ýadygärlikler toplumlarynda bina gurmagyň täsin nusgalaryny görmek bolýar. Aýratyn hem Maşat ata, Togalakdepe, Goňurdepe, Mansurdepe, Namazgadepe, Ulugdepe, Altyndepe, Yzmykşir, Ysmamyt ata, Seýitjemaleddin metjidi, Sarahs galasy, Soltan Sanjaryň kümmeti ýaly taryhy-medeni ýadygärliklerden tapylan taryhy tapyndylar özüniň täsin gurluşy bilen haýran galdyrýar. ■ 3



### 180 ýyldan soň şäher boldy

Pireneý ýarym adasynyň günortasyndaky Beýik Britaniýanyň deňziň içindäki çäkleri bolan Gibraltar, awgust aýynda britan şäherleriniň resmi sanawyna girizildi. Emma oňa şäher derejesi 180 ýyl mundan ozal – 1842-nji ýylda berildi. 4



### Syýahatçylykda öňe saýlandy

Tailandyň paýtagty Bangkok syýahatçylyk babatda iň gowy dynç alyş ýerleriniň biridir. Maglumatlara görä, ýylyň birinji ýarymynda Bangkok 22 million syýahatçyny kabul edip, Pariž, London hem-de Dubaý ýaly meşhur şäherlerden öňe geçdi. 5




### Mbappe, Lewandowski, Holann

UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsümiň toparçalardaky 1-nji duşuşyklary oýnaldy. Geçirilen 16 duşuşygyň diňe biri deňlikde tamamlandy. 9 oýunda ýer eýeleri, 6 duşuşykda-da myhmançylykdaky klublar ýeňiş gazandy. 7

# Halkara mediaforum geçirildi

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmen, iňlis we rus dillerinde geçirilen halkara foruma Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň, Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, žurnalistler, şeýle-de sanly ulgam arkaly daşary ýurtlaryň habar beriş serişdeleriniň wekilleri, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň žurnalistika fakultetleriniň mugallymlary we talyplary gatnaşdylar.

Halkara maslahata gatnaşyjylar Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde gazanan üstünliklerine, ýeten belent sepgitlerine bagyşlanan sergä hem tomaşa etdiler.

Halkara maslahatda ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň we talyplarynyň çykyşlary diňlenildi. Ýurdumyzyň baý taryhy, medeniýeti, dürli ugurlarda gazanylýan üstünlikler baradaky maglumatlaryň, makalalaryň, habarlaryň daşary ýurt habar beriş serişdelerinde giň orun tapýandygyna üns çekildi.



Daşary ýurtlaryň iri habarlar agentlikleriniň, meşhur elektron neşirleriniň, tele we radio kompaniýalarynyň, abraýly halkara guramalaryňdyr düzümleriň ýolbaşçylary hemde wekilleri wideoçykyşlarynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä bileleşigine, halkara maglumatlar giňişliginde günsaýyn artýan möhüm orny barada garaýyşlaryny beýan etdiler. Sanly wideoaragatnaşyk arkaly çykyş eden daşary ýurtlaryň habar beriş serişdeleriniň wekilleri ýurdumyzyň halkara habarlar giňişliginde eýeleýän mynasyp ornuny, türkmen žurnalistleriniň elektron saýtlar arkaly işlemekleri, ýurduň täzelikleri, ösüşleriniň dünýä ýaýmaklary üçin döredilýän giň mümkinçilikleri bellediler.

## Ekologiýa taýdan arassa telefon

HMD kompaniýasy ekologiýa taýdan arassa bolan «Nokia X30 5G» smartfonyny çykardy. Mobil enjamyň önümçiliginde gaýtadan işlenen alýuminden we plastikadan peýdalanyldy. Telefonyň daşy dolulygyna alýumin bolup, ol gaýtadan işlenilen metaldan alyndy. Plastik böleginiň 65 göterimi ozal ulanylan plastikadan alnypdyr. Sentýabryň ahyrynda Ýewropada satuwa çykarylijak telefonyň bahasy 529 ýewro bolar. «Nokia» brendli telefonlara Amerikada hem isleg ýokary.



**Gülzada ÇARYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Halkara gözellik güni

Halkara kosmetologiýa we estetika komiteti her ýyl 9-njy sentýabrda bellenilýän Halkara gözellik gününi döretmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Bu gurama 1946-njy ýylda Brýusselde döredildi we şondan bäri köp ýurtda kosmetika terapiýasy babatda hyzmatlaryň amala aşyrylmagyna ýardam edýär. XX asyr kosmetologiýa pudagynda öwrülişikler asyry boldy. Kosmetologiýa, moda, saç bejermek we şahsy ideg sungaty kämilleşdi. Täze tehnologiýalar we materiallar peýda boldy. Olar bilen birlikde täze hünärler döredildi. Ilkinji gözellik bäsleşigi 1888-nji ýylyň sentýabr aýynda Belgiýada, ilkinji «Dünýä gözeli» bäsleşigi 1951-nji ýylyň aprelinde Londonda geçirildi.



**Ata MELEBAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Sowatlylyk derejesi ýokarlanýar

Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) maglumatlaryna görä, soňky 50 ýylda, esasan hem, ýaşlaryň arasynda sowatlylyk derejesi ep-esli ýokarlandy. Maglumatlara görä, dünýäde 15 ýaşdan ýokary bolan adamlaryň sowatlylyk derejesi 1990-njy ýylda 74 göterime, 2000-nji ýylda 81 göterime, 2010-njy ýylda 84 göterime we 2020-nji ýylda 87 göterime çenli ýokarlanandygy mälim edildi.



Tutuş dünýäde sowatlylygy artdyrmak babatda edilýän tagallalaryň netije bermegi üçin her ýylyň 8-nji sentýabrynda Bütindünýä sowatlylyk güni bellenilýär. Bu belli sene ÝUNESKO-nyň başlangyjy bilen 1967-nji ýylda döredildi. Şol gün jemgyýetleriň sowatlylygynyň ähmiýetini nygtamak we bu meseledäki habardarlygy ýokarlandyrmak maksady bilen dürli çäreler guralýar.

**Arzuw SUMMAROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Et önümleri mahabatlandyrylmaz

Niderlandlar Patyşalygynyň Amsterdam şäheriniň günbataryndaky Harlem şäherinde jemgyýetçilik ýerlerinde eti mahabatlandyrmak gadagan edildi. 160 müň ilatly bu şäherde 2024-nji ýyldan başlap et önümlerini mahabatlandyrmaga rugsat berilmeýär. Geçirilen barlaglara görä, azyk önümleriniň önümçiligi ýer şarynyň hapalanmagyna getirýär. Et önümleriniň önümçiligi bolsa, bu görkezijini 2 esse artdyrýar. Kömürturşy gazyny özüne siňdirýän tokaýlar haýwanlaryň öri meýdanlary üçin peýdalanylýar, dürli iýmleri öndürmek üçin ulanylýan mineral dökünler bolsa howany we suwy hapalaýar. Şeýle ýagdaýlara ünsi çekmek üçin et önümlerini mahabatlandyrmagy bes etmek göz öňünde tutulýar.



Myrat ARLANOW,
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Tokaýlaryny gaýtadan dikeldýär

Afrikanyň günortasyndaky Angola giň tokaýlary bilen bellidir. Kenarýaka ýurduň uly bölegini tokaýlyklar emele getirýär. Emma köp ýylyň dowamynda ýerasty magdanlary çykarmak, ekeranyçlyk we beýleki maksatlar üçin tokaýlaryň meýdany azalypdyr. Ýurtda seýrekleşen ýa-da ýok bolan tokaýlary gaýtadan dikeltmek maksady bilen maksatnama durmuşa geçirilýär. Maksatnamanyň çäklerinde dürli görnüşli agaç nahallarynyň 1 milliony oturdylypdyr. Birnäçe ýylyň dowamynda ýurduň bütin çäginde 100 müň gektardan gowrak meýdany tokaýlyga öwürmek göz öňünde tutulýar.



Angolanyň uly bölegini mes toprakly, ekerançylyga amatly ýerler emele getirýär. Ýyllaryň dowamynda bu bereketli topraklaryň bir bölegi tokaýlyk göwherleri çykarmak üçin zaýalanypdyr. Ilkinji nobatda magdan üçin ýok edilen tokaýlar gaýtadan dikeldiler. Maksatnamanyň çäklerinde iri nahallar Çipeta kommunasyndaky göwher şahtasynyň golaýynda oturdylypdyr. Bu nahallar tebigy ekoulgamy gaýtadan emele getirmäge ýardam eder. Maksatnamanyň çäklerinde şol ýeriň toprak-howa şertlerinde gowy ýetişýän agaç nahallary saýlanyp alynýar. Maksatnamany durmuşa geçirýänler ýaşlaryň geljek onýyllyklaryň dowamynda bu halk bähbitli işe goşandyny goşjakdygyna ynanýandyklaryny aýdýarlar.

**Yhlas ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Barak Obama «Emmy» baýragyna mynasyp boldy

ABŞ-nyň ozalky Prezidenti Barak Obama «Netflix»-de görkezilýän filmleriň birine ses berip, «Iň gowy gürrüň beriji» ugry boýunça «Emmy» baýragyna mynasyp boldy. Dünýäniň baş yklymyndaky tebigy gözellikler barada gürrüň berýän dokumental filmde Çiliden Indoneziýa çenli Ýer ýüzüniň tebigy gözellikleri barada gürrüň berilýär.



«Our Great National Parks» (Biziň ajaýyp milli seýilgählerimiz) atly film bilen baýrak alan Obama bu baýragy alan ikinji amerikan Prezidenti boldy. «Iň gowy gürrüň beriji» baýragyna dokumental filmleri alyp barmagy bilen meşhurlyk gazanan Dewid Attenboro, kino we teatr aktrisasy Lupita Nongo we ozalky basketbolçy Karim Abdul-Jabbar hem dalaş edipdi.

Barak Obama 2017-nji ýylda aýaly Mişel bilen bilelikde «Higher Ground» atly kompaniýany esaslandyrdy. Kompaniýa «Netflix» bilen ekran eserlerini döretmek üçin birnäçe million dollarlyk şertnama baglaşdy. Obama mundan ozal öz ýatlamalarynyň audio (sesli) nusgalary bilen iki «Grammy» baýragyny gazanypdy.

Barak Obama 5 bölümden ybarat bolan «Our Great National Parks» filmini aýaly Mişel bilen bilelikde taýýarlapdyr.

«Emmy» baýragyna ilkinji gezek mynasyp bolan ABŞ-nyň Prezidenti Duaýt Eýzenhauerdir. Ol 1956-njy ýylda ABŞ-nyň Prezidenti wagty bu baýraga mynasyp bolupdy.

## Guraklyga garşy ýagyş ýagdyrylýar

**Hytaýyň Meteorologiýa edarasynyň wekilleri ýurduň dürli ýerlerinde awgust aýyndan bäri guraklygyň öňüni almak üçin emeli ýagyş ýagdyrmak usulyndan peýdalanýandyklaryny mälim etdiler. Bu barada metbugat ýygnagynda çykyş eden Meteorologiýa edarasynyň wekili Žao Zisian howa gämisiniň 1-31-nji awgust aralygynda jemi 211 sagat dowam eden 75 uçuşy amala aşyryp, Hubeý, Çunsin, Henan we Şensi ýaly guraklygyň täsiri ýeten ýerlerde emeli ýagyş ýagdyrylandygyny mälim etdi. Onuň sözlerine görä, bu usul guraklyk we yssy howa bilen göreşmekde, suw gorlarynyň artdyrylmagynda we oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň durnukly bolmagy üçin ähmiýetlidir. Takmynan, 1,45 million inedördül kilometrlik meýdany öz içine alýan ýerde amala aşyrylan bu iş üçin meteorologik hemralar, howanyň ýagdaýyny öwrenmäge niýetlenen radarlar we uçarmansyz howa gämileri ýaly soňky tehnologiýadan peýdalanylypdyr. Şeýle hem yssy howa sebäpli ýüze çykan ýangynlaryň söndürilmeginde hem emeli ýagyş usulyndan peýdalanylypdyr.**

**Maýa MISEKOWA,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.***

## Dünýäniň iň baý tebigatly ýeri

**Indoneziýanyň Papua sebitindäki Raja-Ampat sebiti tebigy baýlyklary we biodürlüligi bilen «Dünýäniň soňky jennetleriniň biri» diýlip atlandyryldy. Ýurduň günbataryndaky bu sebit barada «CNN Travel» neşiri giňişleýin maglumat berdi. Bu ýer diňe gury ýerdäki jandarlar we ösümlikler bilen däl, eýsem, suwasty tebigaty bilen hem köpleri özüne çekýär. Raja-Ampatyň 4 million gektarlyk goralýan ýeri bolup, ol ýerde 1500 töweregi ada bar. Bu ýerdäki deňizde giň merjen rifleri, 1600-den gowrak balyk görnüşi gabat gelýär. Soňky ýyllarda bu ýerde adamlaryň tebigata zeper ýetirip biljek hereketleriniň çäklendirilmegi bilen tebigatyň zeper ýeten ýerleri gaýtadan dikelip başlapdyr. Sebitiň ýaşaýjylarynyň köp bölegi balykçylyk bilen meşgullanýar. Syýahatçylar bu ýeriň suwasty dünýäsini görmek üçin gelýärler.**



**Eziz BABANAZAROW,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.***

## Çip önümçiligi artdyrylar

ABŞ-nyň Söwda ministrligi ýarymgeçiriji senagatyny kämilleşdirmek maksady bilen 50 milliard dollarlyk maýa goýum maksatnamasynyň durmuşa geçirilýändigini mälim etdi. Bu serişdäniň 28 milliard dollarlyk böleginiň grantlar, ýeňillikli karzlar üçin goýberiljekdigi we ýerli önümçilige goldaw bermek maksady bilen peýdalanyljakdygy mälim edildi. Häzirki nesle degişli çipleriň önümçiliginiň artdyrylmagy üçin 10 milliard dollar töweregi pul serişdesi goýberiler. Ýarymgeçiriji senagaty üçin täze innowasiýa torunyň döredilmegi we nou-hau üçin 11 milliard dollar töweregi serişde bölünip beriljekdigi mälim edildi. Bu ýeňilliklerden peýdalanmak isleýänler üçin geljek ýylyň fewralynda degişli maglumatlaryň ýaýradyljakdygy habar berildi.

Geçen aý ýurtda ýarymgeçiriji önümçiliginiň artdyrylmagy we dünýä bazaryndaky ornunyň berkidilmegi üçin goşmaça goldawlary döretmäge mümkinçilik berýän kanun güýje girizildi. Bu ýeňillikler bilen awtoulag senagatyndan elektron enjamlaryna çenli birnäçe ugurda peýdalanylýan çipleriň ýetmezçiliginiň öňüniň alynmagyna garaşylýar.



**Selim ŞEMIÝEW,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

## Ortaça ýaş ýokarlanýar

Koreýa Respublikasynyň ilatynyň ýaşy barada täze maglumatlar ýaýradyldy. Ýurduň statistika edarasynyň maglumatlaryna görä, 65 ýaşdan ýokary ýaşlylar 2044-nji ýyla çenli ilatyň 36,7 göterimini emele getirer. «Yonhap» agentliginiň habarynda 2044-nji ýylda Ýaponiýada 65 ýaşdan uly raýatlaryň ilatyň 36,5 göterimini emele getirjekdigi bellenilýär. Bu bolsa, şol ýyla çenli dünýäniň ortaça ýaş boýunça iň uly ýurdunyň Koreýa Respublikasy boljakdygyny görkezýär. Maglumatlar Koreýa Respublikasynyň statistika edarasynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna salgylanyp taýýarlanypdyr. Häzirki wagtda Günorta Koreýada ýaşuly nesil ýurduň ilatynyň 17,5 göterimini emele getirýär. Bu görkeziji 2040-njy ýylda 34,4 göterim, 2070-nji ýylda 46,4 göterim bolar.

Ýaponiýada bolsa, ýaşuly nesil häzirki wagtda 29,9 göterim bolup, 2040-njy ýylda 35,2 göterime we 2070-nji ýyla çenli 38,7 göterime ýeter. ABŞ-da işe ukyply ýaşdaky nesil häzirki wagtda 64,9 göterim bolup, 2040-njy ýylda 61,5 göterim, 2070-nji ýylda 57,9 göterim boljakdygy çaklanylýar.



**Şatlyk ASTANOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Buker baýragynyň gysga sanawy mälim edildi

Buker baýragynyň guramaçylary dalaşgärleriň gysga sanawyny mälim etdiler. Oňa alty ýazyjynyň: Nowaýolet Bulawaýonyň «Şöhrat», Persiwalýa Ewerettanyň «Agaçlar», Alan Garneriň «Treacle Walker», Şehan Karunatilakiniň «Maali Almeidanyň ýedi aýy», Kler Kiganyň «Şuňa meňzeş kiçijik zatlar» we Elizabet Strautyň «Oh, William!» ýaly eserleri girizilipdir.

– Biziň pikirimizçe bu alty kitapda çynlakaý meseleler gozgalýar. Eserlerde dürli ýerler we döwürler barada gürrüň berlip, olaryň ählisi hemmämizi gyzyklandyrýan wakalar bilen baglanyşykly – diýip, emin agzalarynyň başlygy Nil Makgregor belledi.

Şu ýylyň ýeňijisi 17-nji oktýabrda Buker baýragynyň gowşuryluş dabarasynda mälim ediler. Bu ýyl dabara 2019-njy ýyldan bäri ilkinji gezek ýüzbe-ýüz ýagdaýda geçiriler.

Buker baýragy iňlis dilinde ýazylan eserlere gowşurylýan dünýäniň iň abraýly baýraklarynyň biridir. Baýrak 2013-nji ýyla çenli diňe Milletler Arkalaşygy ýurtlarynyň birinde ýaşaýan awtoryň iňlis dilinde ýazan romany üçin berilýärdi. Bu baýrak 2014-nji ýyldan bäri awtoruň nirede ýaşaýandygyna garamazdan, iňlis dilinde ýazylan roman üçin berilýär. Bu baýrak ilkinji gezek 1969-njy ýylda gowşuryldy.



**Akgül AMANSÄHEDOWA,**
***Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.***

## Emeli intellektiň çeken suraty ýeňiji boldy

ABŞ-nyň Kolorado ştatynda geçirilen surat ýaryşynda emeli intellekt tarapyndan döredilen surat birinji boldy. Jason Allen atly suratkeş Kolorado ştat sergisiniň geçiren çeperçilik eserleriniň ýaryşyna «Theatre D'opera Spatial» atly eseri hödürledi. Bu eser sanly sungat ugry boýunça birinji ýere mynasyp görüldi. Suratkeş bu eseri döretmek üçin «Midjourney» atly emeli aň programmasyndan peýdalanypdyr. «Midjourney» tekst gutusyndaky sözlerden grafika döretmäge niýetlenen programmadyr. Jason Allen «Sincarnate» ulanyjy ady bilen bu programmadan peýdalanypdyr. Bu programmada surat çekmek pikir edilişi ýaly aňsat hem däl. Alleniň aýtmagyna görä, kartinany döretmek üçin ýüzlerçe şekil emele getiripdir. Ony owadanlamak üçin birnäçe hepdesini sarp edipdir. Soňra bolsa, ony kendir mata çap edipdir.



**Baýrammyrat BÄŞIMOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



## Senagat robotlarynyň önümçiligi artdy

**Hytaýyň Senagat we Sanly tehnologiýalar ministrliginiň wekili Guo Şugan senagat robotlarynyň önümçiliginiň 2021-nji ýylda 2015-nji ýyldaky garanyňda 10 esse artandygyny habar berdi. Senagat robotlarynyň ulanylyşy 60 ugurda peýdalanylýar. Şeýle hem ýurtda hyzmatlar pudagynda işledilýän robotlaryň hem ulanylyşy artýar. Bu robotlar restoranlarda, ylym-bilim, lukmançylyk we logistika ýaly ugurlarda giňden ulanylýar. Maglumatlara görä, häzirki wagtda ýurtdaky 439 müňden gowrak kärhanada hyzmat maksatly robotlar ulanylýar. Şol kärhanalaryň 79 müňden gowragy şu ýyl hasaba alnypdyr.**

**Tirkiş BEGENJOW,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.***

## Howadan ýangyç öndürýän enjam

Wodorod arassa ýangyç hasaplanýar. Bu önümçilik üçin häzirki zaman tehnologiýalary zerur bolup durýar. Angliýanyň Mançester hem-de Awstraliýanyň Melburn uniwersitetiniň işgärleri wodorod we kislorod bölünmezden ozalky çygly howadan suw ýygnap bilýän nusgalyk enjamy döretdiler. Bu enjam bary-ýogy 4 göterim çyglylykda hem işlemäge ukyply. Geçirilen synaglar enjamyň kanagatlanarly derejede işleýändigini we ýzygiderli 12 günüň dowamynda öz wezipelerini ýerine ýetirýändigini görkezdi. Bu hem alymlara howadan ýangyç öndürmäge mümkinçilik berer.



**Guwanç ANNABERDIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 9-y, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110103
Belgisi: 36/1498
Tiražy: 6747
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşiriýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Köneürgenç – türkmen taryhynyň dürdänesi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Her bir taryhy ýadygärlik bilen baglanyşykly nesilden-nesle geçip gelen rowaýatlar geljegimiz bolan ýaşlary terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. Ol rowaýatlar Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Ömrümiň manysy» atly ajaýyp kitaplarynda örän täsirli beýan edilýär.

Türkmenistanyň taryhy ýerlere baý künjekleriniň biri hem gadymy Daşoguz topragydyr. Daşoguz welaýaty ýurdumyzyň agrar taýdan ösen sebiti bolmak bilen çäklenmän, Diýarymyzyň gadymy we baý mirasynyň genji-hazynasyny gursagynda saklap oturan, Hoja Ahmet Ýasawynyň, Aşyk Aýdyň piriň, Ibn Sinanyň, Biruniniň, Zamahşarynyň, Nejmeddin Kubranyň... yzlary galan, gadymy ýazgylarda «Müňläp şäheriň ýurdy», «Ýeriň göbegi» diýlip wasp edilen ajaýyp mekandyr. Horezmiň gadymy ýadygärlikleri, Yzmykşir, Döwkesen, Diýarbekir ýaly taryhy ýerler bu gadymy topragyň syýahatçylyk gymmatyny artdyrýar. Merkezi Aziýanyň halklarynyň bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyklary hasaplanýan taryhy we arheologik ýadygärlikleriň jemlenen ýeri bolan Daşoguzda sazyň piri Aşyk Aýdyň piriň aramgähi, Şasenemiň galasy, Akja gala, Ybraýym Edhem galalar toplumy daşary ýurtlularyň, öz ildeşlerimiziň iň gelim-gidimli ýerine öwrüldi. Bu gadymy toprakda Abu Reýhan Biruni, Mahmyt Zamahşary, Nejmeddin Kubra, Mahmyt Pälwan, Aşyk Aýdyň Pir, Nurmuhammet Andalyp, Abdylla Şabende, Gurbanaly Magrupy ýaly Gündogaryň beýik alymlary we meşhur şahyrlary ýaşapdyr. Bu ýerde ylmy-barlag işlerini alyp barmaga giň mümkinçilikler döredilipdir. Olar dünýä ylmynyň hem-de medeniýetiniň ösüşine bahasyna ýetip bolmajak goşant goşupdyrlar.





Ylym-bilimiň mesgeni hökmünde tanalýan Köneürgenç ajaýyp binagärlik sungaty bilen hem meşhurlyga eýedir. Nejmeddin Kubranyň, Piryar Weliniň hem-de Soltan Alynyň kümmetleriniň binagärlik toplumlary, «Daş metjit» muzeýi we Törebeg hanymyň kümmeti, Daşgala ýadygärlikleriniň – «Kerwensaraý girelgesi», Il Arslanyň, Tekeşiň kümmetleri, Gutlug Timuryň Merkezi Aziýadaky iň belent minarasy binagärlik sungatynyň ajaýyp gymmatlyklaryny döreden halkymyzyň gaýtalanmajak eserleridir.

Taryhy we medeni ýadygärlikleri aýawly saklamakda we öwrenmekde ýurdumyz bilen halkara guramalaryň hem-de esasy ylmy merkezleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk yzygiderli ösdürilýär. Täze arheologik we binagärlik ýadygärlikleri ýüze çykarmak işleri dowam etdirilýär. «Türkmenistan – ÝUNESKO: Diýardan ýaýran ýollar» atly şygar astynda geçirilýän «Köneürgenç – türkmen taryhynyň ajaýyp dür dänesidir» atly maslahat ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde taryhy ýadygärliklerimiziň ähmiýetini ýokarlandyryp, olary täze usullarda halk köpçüligine ýetirmek bilen, türkmen halkynyň mukaddesligine öwrülip giden medeni we taryhy gymmatlyklarymyzy dünýä jemgyýetçiligine ýaýmak ýaly asylly maksatlary nazarlaýar.

Gadymy siwilizasiýanyň esasy merkezleriniň biri hasaplanýan Köneürgenjiň ýadygärlikler toplumynyň 2005-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi buýsançly başymyzy ýene bir gezek beýgeltdi.

Watanyny söýýän, oňa buýsanmagy başarýan adam ruhy taýdan baýdyr. Türkmen halky üçin Watan, ene toprak hemme zatdan eziz hem mukaddesdir. Her bir raýatyň ykbaly Watanyň ykbaly bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin Watan hakda, Watanyň mukaddesligi hem ezizligi hakda oýa batanyňda Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan kemal tapan «Watana söýgi iň beýik söýgüdir», Arkadagly Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly sözlerini buýsanç bilen ýatlaýarsyň.

Ata-babalarymyzyň yhlasyna eýlenen medeni mirasymyzy, ruhy we ahlak gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýmakda, ýaş nesillerimizi ynsanperwerlige, watansöýüjilige barýan milli ruhuň belent basgançaklaryna ýetirmekde uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan işleri rowaçlyklara beslensin.

**Aşyrdurdy ALLAÝEW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň başlygy, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň deputaty.*

# Himiýa senagaty – geljegi uly pudak

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasaty netijesinde ýurdumyzyň tebigy baýlyklary halkymyzyň we tutuş adamzadyň bähbidine peýdalanmaga gönükdirilýär. Amatly geosyýasy we geoykdysady ýagdaý, uglewodorod çig mallarynyň baý gorlary ýurdumyzyň senagat önümleriniň we energiýa serişdeleriniň eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmaga giň şertleri döredýär.

Himiýa senagaty uglewodorod, mineral we beýleki çig maldan himiki usulda gaýtadan işlemek arkaly önüm öndürýän senagat pudagy bolup, ol senagat öwrülişiginiň



başlanmagy bilen, aýratyn pudak hökmünde kemala gelip ugraýar. Ýurdumyz gazylyp alynýan peýdaly ýerasty baýlyklaryň uly gorlaryna eýedir. Köýtendag sebitinde geologlar tarapyndan kükürdiň, fosfatlaryň, daş duzunyň, gipsiň, selestiniň, polimetallaryň, hekiň we beýleki ýerasty baýlyklaryň uly gorlarynyň bardygy anyklanyldy. Bu sebitde gurlan Garlyk dag-magdan baýlaşdyryjy toplum Garlykdaky kaliý duzlarynyň baý ýatagyny senagat taýdan özleşdirmeklige gönükdirilen iri taslamadyr.

Garabogaz aýlagy hem himiýa senagaty babatynda uly mümkinçiliklere eýedir. Çünki bu ýerde 60-dan gowrak himiki elementiň bardygy, tebigy şertlerde natriý sulfatynyň we beýleki mineral duzlaryň kristallaşma hadysasynyň senagat taýdan işlemek üçin ýeterlik mukdarlarda bolup geçýändigi aýratyn belärliklidir. «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginde öndürilýän natriý sulfaty, epsomit, bişofit ýaly önümler aýna, kagyz, sintetik ýuwujy serişdeleriň, defoliantlaryň önümçiliginde, deri eýlemekde we metallurgiýada, himiýa, dokma we gurluşyk senagatynda, oba hojalygynda giňden peýdalanylýar.

Oba hojalygy üçin möhüm ähmiýeti bolan mineral dökünlerini öndürmekde Marynyň we Türkmenabadyň himiýa zawodlary netijeli işleýärler. Soňky ýyllarda olaryň önümçilik mümkinçilikleri täze desgalaryň gurulmagy bilen has-da artdyrylýar.

«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň Türkmenabatdaky himiýa kärhanasy ýurdumyzyň himiýa pudagynyň möhüm düzümleriniň biri bolup durýar. Ol ýylda 225 müň tonna fosfor dökünlerini we 500 müň tonna kükürt kislotasyny öndürmäge ukyplydyr.

Ekinler üçin mineral dökünleriň önümçiliginde kükürt kislotasynyň esasy çig mallaryň biridigini nazara alanyňda, bu önümiň uly geljeginiň we girdejisiniň bardygyny şertlendirýär. Kislota önümhanasynyň taslama kuwwaty diňe bir döwletimiziň içerki sarp edijileriniň bu önüme bolan isleglerini kanagatlandyrman, eýsem, ony eksporta ugratmaga-da mümkinçilik berýär.

Ägirt uly serişde binýady ýurdumyzda ýoduň, bromuň we himiýa senagatynda giňden ulanylýan beýleki serişdeleriň iri önümçiliginiň kemala gelmegini şertlendirdi. Häzirki döwürde «Türkmenhimiýa» döwlet konserninde her ýylda köp mukdarda ýod öndürilýär.

Himiýa senagatyna degişli täze kärhanalaryň ulanmaga berilmegi ýurdumyzyň tutuş senagat düzüminiň ösüşine kuwwatly itergi berdi we onuň ýokary hilli ösüşini, bäsdeşlige ukyplylygyny şertlendirdi. Bu bolsa, import harytlarynyň ornuny tutýan önümçiligiň artmagyna, harytlyk teklipleri has-da giňeldip daşary bazarlara çykmaga mümkinçilik berer.

Türkmen topragynyň ähli baýlygynyň halkymyzyň bagtyýarlygy we abadançylygy üçin peýdalanylmagy ugrunda hormatly Prezidentimiziň yzygiderli durmuşa geçirýän işleri diňe bir ýurdumyza däl, eýsem, hyzmatdaş döwletlere hem bähbit getirýän ykdysady-durmuş syýasatynyň esasy ugry bolup durýar.

**Ogulsona GURBANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ýurdumyzda pagta ýygymyna badalga berildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ekişe azyklyk bugdaýyň ýokary hasylly «Sähraýy», «Ýolöten-3», «Juwan», «Ýolöten-1», «Miras», «Berkarar», «Garaşsyzlyk», «Bitarap» görnüşleriniň tohumlary taýýarlanyldy. Şu möwsümde ýurdumyz boýunça dünýäniň öňdebaryjy «John Deere», «CLAAS», «Case» ýaly kompaniýalaryndan satyn alnan ýer sürüji traktorlaryň 1972-si, ekijileriň we bejergi traktorlarynyň 1545-si hem-de daýhanlaryň zähmet öndürijiligini artdyrmak üçin beýleki serişdeler ulanylar.

Oba hojalygyny depginli ösdürmek ýurdumyzyň içeri syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şol syýasat döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Bu ulgamda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek we dürli oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmagyň hasabyna, obasenagat toplumynyň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda wezipeleri



çözmäge ýardam bermäge gönükdirilen giň gerimli özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar.

Oba hojalygyndaky özgertmeleriň çäklerinde pudagy sanly ulgama geçirmek, iň täze tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmak maksady bilen, anyk çäreler görülýär. Oba hojalygynyň gaýtadan işleýän döwrebap kärhanalaryny, elewatorlary hem-de saýlama tohumlyk bugdaý taýýarlaýan bölümleri bolan degirmen toplumlaryny, mineral dökünleri öndürýän zawodlary gurmaga köp mukdarda maýa goýumlar gönükdirilýär. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzy 2025-nji ýyla çenli durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň, Oba milli maksatnamasynyň çäklerinde türkmen obalarynyň durmuşyny düýpli özgerdýän iri maýa goýum taslamalary amala aşyrylýar.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen «Däneçilik hakynda», «Pagtaçylyk hakynda», «Oba hojalygyny ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda», «Ýerleriň meliorasiýasy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň hem-de bu ugra degişli birnäçe kanunçylyk resminamalaryň kabul edilmegi ata Watanymyzda oba hojalyk önümleriniň we azygyň öndürilişiniň möçberlerini artdyrmak, ilaty ekologiýa taýdan arassa azyk önümleri bilen doly üpjün etmek, azyk bolçulygyny döretmek, gaýtadan işleýän senagatyň çig mal bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak we oba ýerlerinde ýerleşýän ilatly ýerleri durnukly ösdürmek boýunça durmuş-ykdysady syýasaty durmuşa geçirmegiň hukuk binýady döredildi.

Daýhanlar, tutuş oba hojalyk işgärleri öndürijilikli zähmet çekmek üçin döredilen ajaýyp iş şertleri, berilýän kömek-goldawlar üçin hormatly Prezidentimize çäksiz alkyş aýdýarlar.

**Ýakup AÝDOGDYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Ýaşlar syýasaty: täze ösüşleriň buşlukçysy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, onuň binýadynda tassyklanylan «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» ýaş nesilleriň ähli ugurda uly goldawa eýedigini görkezýär.

Şu ýylyň 14-nji iýunynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň paýtagtymyzdaky Maslahatlar merkezinde ýaşlaryň gatnaşmagynda döwlet ýaşlar syýasatynyň, bu ulgamda milli kanunçylygy mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň ileri tutulýan meselelerine bagyşlap geçiren maslahaty ýaşlaryň durmuşynda ýatdan çykmajak waka öwrüldi.

Arkadagly Serdarymyz gurultaýda eden çykyşynda: «Ýaşlar ylmyň gazananlaryny özleşdirmäge işjeň gatnaşýarlar. Mekdep okuwçylarymyz we talyp ýaşlarymyz abraýly halkara bäsleşiklerde uly üstünlikleri gazanýarlar. Munuň özi ýurdumyzda ýaşlaryň okamagy, bilim almagy, hünär öwrenmegi üçin berk binýadyň döredilýändigini aýdyň görkezýär» diýip, ýurdumyzda ylym-bilime, kämil ýaşlary ýetişdirmäge uly üns berilýändigini belledi. Ylym-bilimde üstünlikleri gazanmak, önümçilige innowasion tehnologiýalary pugta ornaşdyrmak bilen milli ykdysadyýetiň kuwwaty artdyrylýar, ýaşlaryň bilim derejesi ýokarlandyrylýar. Ýaş nesliň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly bolmagy baradaky wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigi biz – mugallymlary buýsandyrýar. Häzirki wagtda bilim ojaklarymyzda okatmagyň interaktiw usullarynyň hem-de sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy ýaşlara berilýän bilimiň netijeli bolmagyna örän uly ýardam edýär. Ýaşlaryň özleri baradaky aladalara jogap edip, okamaga, öwrenmäge, döretmäge bolan höwesleri has-da artýar.

Ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň jemgyýetdäki ornuny has-da berkitmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşine gol çekmegi ýaş nesilleriň bagtyýar geljegi üçin ähmiýetlidir. Kanunyň täze rejelenen görnüşinde ýaşlaryň ýaşynyň 35 ýaşa çenli kesgitlenmegi ýaş nesil, olaryň geljegi üçin döredilýän mümkinçilikleriň berk hukuk binýadyny kemala getirýär.



Kanunyň rejelenen görnüşiniň VI babynyň 26-njy maddasynyň 8-nji bendinde «Ýaşlarda okuwyň üznüksizligini gazanmak we olary hünäre ugrukdyrmak maksady bilen, umumybilim edaralaryny tamamlan ýaş oglanlaryň ýokary hünär we orta hünär okuw mekdepleriniň giriş synaglaryna gatnaşmagy üçin, bir gezek mümkinçilik döretmek şerti bilen, «Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda harby gulluga çagyryş möhletini wagtlaýyn yza süýşürmek» mümkinçiliginiň göz öňünde tutulmagy ýaşlaryň bilim almaga bolan konstitusion hukugyny üpjün etmek bilen bir hatarda, olaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň bitewi ulgamynyň hukuk kepillikleriniň döredilýändigini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiz häzirki wagtda ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegini Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen ýaş nesilleriň düzýändigini belläp, ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garalýandygyny aýtdy. Bagtyýar ýaşlarymyz halk hojalygynyň dürli pudaklarynda milli hem-de döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde yhlasly zähmet çekýärler. Ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny demokratiýalaşdyrmakda möhüm başlangyçlary öňe sürýärler.

Garaşsyz döwletimizi 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna laýyklykda, ýaş raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş üpjünçiligi gowulandyrylýar. Olaryň telekeçilik başlangyçlaryny höweslendirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Ýaşlarymyzyň ylymly, bilimli, terbiýeli, watansöýüji, zähmetsöýer we kämil bolup ýetişmekleri ugrunda tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli ähli tutumly işleriniň rowaçlyga beslenmegini arzuw edýäris.

**Aýgül BERDILIÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.*

# Bilim – ähli üstünlikleriň açary

Türkmen topragyna gadam basan bereketli güýz paslynyň ilkinji gününde ýurdumyzyň bilim ojaklary toý lybasyna beslendi. Her güni taryhy wakalara beslenýän Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze okuw ýyly başlandy.

Ýurdumyzda 2022–2023-nji täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli orta mekdepleriň 7-si, çagalar baglarynyň 5-si açylyp, ulanmaga berildi. Mekdep durmuşyna ilkinji gezek gadam basýan 159 müň 772 okuwça hormatly Prezidentimiziň adyndan kompýuter sowgatlary gowşuryldy.

Bilimler we talyp ýaşlar gününde welaýatlarymyzda bilim ojaklarynyň birnäçesi gurlup, ulanylmaga berildi. Şol ajaýyp binalar Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň işewürleri bolan hususy telekeçiler tarapyndan guruldy. Ýokary hilli gurluşygy birkemsiz ýerine ýetiren telekeçileriň işleri aýratyn bellenilmäge mynasypdyr, çünki hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda telekeçilik işiniň ösmegine aýratyn üns berýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda telekeçiligiň ösmegi, bazar gatnaşyklaryna giň ýol açylmagy hususyýetçileriň sanynyň artyp, olaryň arasyndaky bäsleşigi has-da güýçlendirýär.

Hormatly Prezidentimiz Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mekdep okuwçylaryna, talyp ýaşlaryna, mugallymlaryna we bilim işgärlerine iberen Gutlagynda: «Durmuş ulgamyna degişli desgalar bilen bir hatarda, täze bilim edaralaryny gurýarys. On iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň, sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň konsepsiýalaryna laýyklykda, bilim işini dünýä ölçeglerinde has-da kämilleşdirýäris, sanly bilimi ösdürýäris» diýip belleýär.

Amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeleriň çäklerinde milli bilim ulgamyny kämilleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Bilim ulgamyna jemgyýetimiziň we döwletimiziň mundan beýläk-de ösmegi üçin binýatlaýyn esas hökmünde garalýar.

Häzirki wagtda ýaş türkmenistanlylaryň döredijilik taýdan kämilleşmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Bu ugurda ädilýän ädimler, ilkinji nobatda, doly derejeli we köpugurly bilim almak, sazlaşykly ösen ýaş nesli, hakyky watançylary terbiýelemek üçin zerur şertleri üpjün etmäge gönükdirilendir. Ýaşlarymyz geljekde eziz Watanymyzy



täze sepgitlere hem-de uly üstünliklere ýetirmelidir.

Täze mekdeplerde hem okuwçylaryň döredijilik ukyplarynyň, zehinleriniň açylmagy üçin ähli şertler döredildi. Bu ýerde sapaklary geçmek, terbiýeçilik işi, bedenterbiýe-sport we medeni çäreleri geçirmek, okuwçylaryň boş wagtyny netijeli guramak üçin ähli mümkinçilikler bar.

Okuw binalarynda amatly mebeller, döwrebap okuw enjamlary bilen üpjün edilen giň we ýagty otaglar, daşary ýurt dillerini çuňňur öwrenmek üçin lingafon otaglary, informatika, biologiýa, fizika, himiýa we beýleki okuw dersleri üçin ýörite enjamlaşdyrylan otaglar ýerleşdirildi. Şeýle-de, sport we mejlisler zallary, zähmet sapagy üçin otaglar göz öňünde tutuldy. Okuw mekdepleriniň ählisinde zerur bolan okuw we çeper edebiýatlar bilen üpjün edilen kitaphanalar, mugallymlaryň netijeli işlemegi üçin hem ähli şertler döredilendir.

Täze taryhy eýýamyň ylym-biliminiň aýratynlygy yzygiderli durmuşa geçirilýän özgerişler bilen baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň ýokary we orta hünär bilim ojaklarynda täze-täze ugurlaryň yzygiderli döredilmegi bagtyýar ýaşlarymyzyň öňünde giň mümkinçilikleri açýar. Sanly ykdysadyýeti ösdürmek baradaky wezipelerden ugur alnyp, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary boýunça täze hünärleri girizmegi dowam etmek, has köp isleg bildirilýän hünär ugurlary, esasan-da, inžener-tehnik we tehnologiýa ugurlary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegi dowam etdirmek boýunça işler hem türkmenistanly ýaşlara bagtly geljegiň garaşýandygyndan habar berýär.

Ýurdumyzda bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmek, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron maglumatlar bilen üpjün etmek, sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, bilim edaralarynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, onuň hiliniň dünýä derejesine laýyk bolmagyny üpjün etmek maksady bilen, 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary esasynda «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Şeýle hem ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasy tassyklanyldy. 2018-nji ýylda «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi.

Goý, bilim ulgamyny kämilleşdirmekde taýsyz tagallalary edýän Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun.

**Aýjahan ORAZNEPESOWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis diliniň fonetikasy we leksikologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# Çagalaryň aýdym-sazlary belentden ýaňlanýar

Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň özeninde halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak, şol sanda eneligi we çagalygy goramak, ýaş nesliň saglygy, terbiýesi we geljegi üçin zerur şertleri döretmek wezipeleri esasy orunda durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň nusgalyk işleriniň netijesinde Türkmenistan bagtly çagalygyň ýurduna we arzuwlaryň hasyl bolýan ülkesine öwrüldi. Giň möçberli özgertmeler, belent tutumlar köňüllerimiziň guwanjy bolan şadyýan çagalarymyzyň watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň, dostlugyň, hoşniýetliligiň belent ruhunda terbiýelenilmegine gönükdirilip, bu ugurdaky işler üstünlikli dowam etdirilýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, Garaşsyz Diýarymyzyň şäherdir obalarynda häzirki zaman kompýuterleri, interaktiw-multi-



media tehnologiýalary bilen üpjün edilen çagalar baglary, orta mekdepler gurulýar.

Ýurdumyzyň körpe aýdymçylarynyň arasynda geçirilmegi asylly däbe öwrülen bäsleşikler olaryň ukyp-başarnyklaryny açmaga giň mümkinçilik döredýär. Bu gözden geçiriliş bäsleşikleri Diýarymyzyň ähli künjeginden ýaş zehinleri ýüze çykarýar.

Her ýyl ýaş türkmenistanlylaryň arasynda «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşigi geçirilýär. Golaýda şanly Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllygy mynasybetli zehinli çagalaryň arasynda «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi. Bäsleşigiň baş maksady umumybilim berýän we sazçylyk mekdepleriniň, döredijilik merkezleriniň zehinli ýaşlaryny ýüze çykarmakdan hem-de saz sungaty bilen meşgullanmaga çekmekden, olaryň zehinlerine goldaw bermekden, ösüp gelýän ýaş nesliň watançylyk ruhuny ýokarlandyrmakdan, milli sungatymyza söýgüsini artdyrmakdan ybaratdyr. Bäsleşik etraplarda, welaýatlarda birnäçe tapgyrda geçirildi hem-de iň zehinliler kesgitlendi.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda geçirilýän «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşiginiň nobatdaky jemleýji tapgyry türkmen topragynyň zehinlere baýdygyny ýene bir gezek aýdyň görkezdi. Bäsleşige gatnaşyjylaryň ählisiniň hem-de köp sanly tomaşaçylaryň bilelikde ýerine ýetirmeginde ýaňlanan aýdym konsertiň ajaýyp jemlenmesine öwrüldi.

Türkmenistany bagtyýar çagalygyň, çagalaryň her bir isleg-arzuwynyň hasyl bolýan ýurduna öwürýän hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, döwletli işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Azady ALMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# Beýik Britaniýanyň täze Premýer-ministri

Beýik Britaniýanyň Konserwatiw partiýasynyň başlyklygyna saýlanan 47 ýaşly Liz Trass ýurduň täze Premýer-ministri boldy. Trass partiýa agzalarynyň 81 müň 326 sesine, onuň bäsdeşi öňki maliýe ministri 42 ýaşly Rişi Sunak bolsa, 60 müň 339 sese eýe boldy. Olaryň arasyndaky ses tapawudy 20 müň töweregidir.

Ýurtda hereket edýän kanunçylyga görä, iki dalaşgärden biri iň soňky tapgyrda partiýanyň 200 müň töweregi agzalary tarapyndan saýlanyp, olar ýurduň ilatynyň 1 göteriminden hem az bölegini emele getirýär.

Saýlawdan öňki kampaniýanyň dowamynda Liz Trass salgytlary azaltmagy wada berip, Premýer-ministr bolan ilkinji günlerinde elektrik energiýasynyň bahasynyň ýokarlanmagyna garşy meýilnama hödürlejekdigini aýtdy.

Boris Jonson 6-njy sentýabrda öz ygtyýarlyklaryny partiýanyň täze ýolbaşçysyna geçirdi. Şol gün Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II Şotlandiýanyň Balmoral galasynda Boris Jonsony hem-de Liz Trassy kabul etdi. Liz Trass şol gün dolandyryjy partiýanyň lideri hökmünde Ministrler Kabinetiniň täze düzümini belledi. Şeýlelikde, Liz Trass Beýik Britaniýanyň taryhynda 56-njy Premýer-ministr, Ýelizaweta II döwründe 15-nji Premýer-ministr hem-de bu wezipede işlän üçünji zenan bolar. Ondan ozal Margaret Tetçer (1979-1990) we Tereza Meý (2016-2019) bu wezipede işläpdi.

Ilkibaşda parlamentiň 11 agzasy konserwatorlaryň lideri we Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri




wezipesine dalaş etmek isleýändiklerini mälim etdiler. Bäsleşikleriň dowamynda olaryň dokuzysy öňe saýlanyp bilmedi. Ses berişlik poçta arkaly geçirilip, 2-nji sentýabrda tamamlandy.

Boris Jonson 7-nji iýulda işinden çekilýändigini mälim etdi, ýöne saýlawlara çenli hökümet Baştutanynyň wezipesini ýerine ýetirdi. Jonson hökümetiniň gazananlaryna buýsanýandygyny we ynamlary üçin britaniýalylara hoşallyk bildirdi.

# 180 ýyldan soň şäher boldy

**Pireneý ýarym adasynyň günortasyndaky Beýik Britaniýanyň deňziň içindäki çäkleri bolan Gibraltar, awgust aýynda britan şäherleriniň resmi sanawyna girizildi. Emma oňa şäher derejesi 180 ýyl mundan ozal – 1842-nji ýylda berildi.**

**Beýik Britaniýanyň ozalky Premýer-ministri Boris Jonson bu wakany Gibraltaryň «baý taryhyna we depginli ösüşine ýokary baha» diýip atlandyrdy.**

**Şu ýylyň başynda Gibraltar Ýelizaweta II tagta geçmeginiň platina ýubileýiniň dabaralarynyň çäginde şäher derejesine eýe bolmak maksady bilen ýüz tutan 39 şäheriň arasynda orun aldy. Dalaşgärler medeni mirasynyň, ýerli jemgyýetleriň ösüşiniň bu derejä laýykdygyny subut etmeli boldular. Şeýle-de bolsa, Gibraltaryň teklibi berjaý edilmedi. Taryhy adalat diňe Beýik Britaniýanyň Milli arhiwiniň resminamalary içgin öwrenilenden soň dikeldildi.**

**Adatça, Beýik Britaniýada şäher derejesi soborlaryň, uniwersitetleriň ýa-da köp sanly ýaşaýjylaryň bolmagy bilen baglanyşykly bolup, adatça, şeý-**



**le derejä eýe bolmak üçin anyk düzgün ýok. Şäher derejesi, köplenç, ministrleriň maslahaty esasynda monarh tarapyndan berilýär. Ol aýratyn artykmaçlyklary bermeýär, diňe abraýyny artdyryp, maýa goýumlaryny çekmäge ýardam berýär. Gibraltar 1713-nji ýylda Beýik Britaniýa resmi taýdan birigipdi.**

# Owganystan boýunça ýörite wekilini belledi

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antonio Guterreş BMG-niň Owganystan boýunça ýörite wekili hem-de guramanyň Owganystana ýardam etmek boýunça missiýasynyň (UNAMA) başlygy wezipesine Roza Otunbaýewany belleýändigini habar berdi. Gyrgyzystanyň Daşary işler ministrliginiň metbugat gullugy hem 3-nji sentýabrda kanadaly Debora Laýonsyň ornuna Roza Otunbaýewanyň geçendigini tassyklady.



Gyrgyz Respublikasynyň «Kabar» agentliginiň maglumatlaryna görä, Roza Otunbaýewanyň ýolbaşçylyk, diplomatiýa, raýat gatnaşyklary we halkara hyzmatdaşlygy boýunça 35 ýyldan gowrak wagt bäri hünär tejribesi bar. Ol Gyrgyz Respublikasynyň (2010-2011) Prezidenti we üç gezek daşary işler ministri bolupdy.

Roza Otunbaýewa birnäçe ýokary derejeli diplomatik wezipelerde işledi, şol sanda Gyrgyzystanyň Beýik Britaniýadaky, ABŞ-daky we Kanadadaky ilçisi wezipesini hem ýerine ýetirdi. Ol Moskwanyň M.W.Lomonosow adyndaky döwlet uniwersitetiniň filosofiýa fakultetini tamamlady we filosofiýa boýunça doktorlyk derejesini aldy. Gyrgyz, rus we iňlis dillerini bilýär.

# Ilaty 19,6 milliondan geçdi

Gazagystanyň ilaty 19,6 million adamdan geçdi. Bu barada Respublikanyň milli statistika býurosy habar berdi. 2021-nji ýyldaky ilat ýazuwynyň maglumatlaryny göz öňünde tutup, 2022-nji ýylyň 1-nji awgustyna çenli häzirki maglumatlar gaýtadan hasaplanylandan soň Gazagystanyň ilaty 19 644 067 adam boldy.

Býuro 2021-nji ýyldaky ilat ýazuwyna 19 186 015 adamyň gatnaşandygyny habar berdi. Şeýlelik bilen, 2009-njy ýyldaky soňky ilat ýazuwyndan bäri ýurduň ilaty 20 göterim ýada 3,2 million adam artypdyr. Muňa ilatyň tebigy köpelmegi bilen bir hatarda ýurda göçüp gelýänler hem sebäp boldy.

Ilat ýazuwynyň netijelerine görä, şäher ilatynyň paýy ösmegini dowam etdirip, 61,2 göterime çenli ýokarlandy. Bu öňki ilat ýazuwynyň maglumatlary bilen deňeşdirilende, 5 göterim ýokarydyr. Şoňa laýyklykda, oba ilatynyň paýynyň 43,9 göterimden 38,8 göterime çenli azalandygy ýüze çykaryldy.

Şäher ilatynyň iň köp ýaşaýan sebiti Karaganda welaýaty bolup, bu ýerde 1 milliondan gowrak adam ýaşaýar, ýagny, welaýatyň ýaşaýjylarynyň 80 göterimi şäherlidir. Şäher ilatynyň iň az ýaşaýan sebiti Türküstan welaýaty bolup, bu ýerde diňe 498 müň adam, ýagny, welaýatyň ýaşaýjylarynyň 24,3 göterimi şäherlidir.



Gazagystanda zenanlaryň sany öňküsi ýaly erkekleriň sanyndan agdyklyk edýär. Erkekleriň paýy 48,6 göterime deň bolsa (9 324 840 adam), zenanlaryňky 51,4 göterime (9 861 175 adam) deň.

# «Russiýanyň kubogy – 2022» şüweleňi geçiriler

17-nji sentýabrda Moskwa şäherindäki Halk hojalygynyň gazananlarynyň sergiler binasynyň (HHGSB) ýanyndaky Milli atçylyk däpleri merkezinde «Bedewleriň bir aýlygy» şüweleňiniň çäklerinde arassa tohumly ahalteke atlaryna bagyşlanan «Russiýanyň kubogy – 2022» atly şou-sergisi guralar. Bu barada merkeziň resmi web sahypasynda habar berilýär.

Şou-serginiň dowamynda Russiýanyň dürli künjeklerinden gelen iň oňat atşynaslardyr, atçylyk fermalary öz atlaryny HHGSB-niň ýanyndaky Milli atçylyk däpleri merkezinde görkezilişe çykararlar. Şunuň bilen baglylykda, şüweleňi guraýjylar bu ýere gelýänlere ahalteke bedewleriniň gözelligini synlamaga mümkinçilik dörederler.

Milli atçylyk däpleri merkezi atçylyk sporty, atşynaslyk ylymlary we atçylyk boýunça gazanylan üstünlikleri bir ýere jemleýän özboluşly merkez bolup durýar. Bu merkez şu ýylyň maý aýynda myhmanlara öz gapylaryny açdy. Şol günden bäri bu taryhy ýerde atçylyk sungatynyň we sportunyň VI Moskwa açyk festiwaly, at üstündäki oýunlar boýunça Russiýanyň kubogy, konkur boýunça «BitRiver» kubogy we başga-da birnäçe bäsleşikler guraldy. Bu merkez atlaryň ähli tohumlaryny görkezilişe çykarmak maksady bilen 1954-nji ýylda esaslandyryldy.

«Bedewleriň bir aýlygy» atly şüweleňiň myhmanlary Milli atçylyk däpleriniň merkezi-




niň pawilýonlarynda atçylygyň taryhy, häzirki zaman athanalarynyň gurluşy we at saklamagyň düzgünleri bilen içgin gyzyklanyp bilerler. Merkeziň guraýan özboluşly sergileri geçmişi we şu güni utgaşdyryp, medeni mirasy gorap saklamaga ýardam berýär hem-de milli atçylyk däplerini dünýä aýan edýär.

# Internet ulanyjylarynyň sany artýar

Şu ýylyň iýun aýyna çenli Hytaýda internet ulanyjylarynyň sany, takmynan, 1,05 milliard adama çenli artyp, ýurtda internet elýeterliligi 74,4 göterime ýetdi. Bu barada Hytaýyň maglumat-internet merkezi (CNNIC) tarapyndan ýaýradylan internet ösüşi boýunça hasabatynda mälim edilýär.

Maglumatlara görä, internetden peýdalanmagyň ortaça wagty hepdede ortaça 29,5 sagat bolup, ulanyjylaryň 99,6%-i internete girmek üçin telefonlaryny ulanýarlar.

Hytaýda jübi telefonynyň önümçiligi ýedi aýda 3,6% azaldy.

Iýun aýyna çenli ýurt boýunça 33,8 million domen ady hasaba alnyp, 5G-niň 1,85 milliondan gowrak bekedi guruldy.



Hasabata görä, maglumat infrastrukturasynyň gurulmagy netijesinde, oba ýerlerinde internete girmek 58,8%-e çenli ýokarlandy, bu bolsa geçen ýylyň dekabr aýy bilen deňeşdirilende, 1,2% köpdür.

Iýun aýyna çenli gysga wideo hyzmatyndan peýdalanýanlaryň sany has-da artyp, 2021-nji ýylyň dekabr aýyndan 28 million adam köpelip, 962 million adama ýetdi. Şeýle hem hasabatda gyssagly habarlaşma hyzmatlaryndan, onlaýn habarlardan we onlaýn ýaýlymlardan peýdalanýanlaryň sanynyň, degişlilikde, 1,03 milliard, 788 million we 716 million adamdygy bellenilýär.

# FAO: azyk önümleriniň bahasy arzanlaýar

BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) awgust aýyndaky azyk önümleriniň bahasy baradaky görkezijisiniň ortaça derejesi iýul aýy bilen deňeşdirilende, 1,9 göterim azalyp, 138,0 bala deň boldy. Ýylyň başynda rekord derejä ýeten bu görkeziji bäş aý bäri yzly-yzyna azalýar, emma 2021-nji ýylda hasaba alnan bahadan 7,9 göterim ýokarydyr.

Dänäniň bahalary öňki aý bilen deňeşdirilende, 1,4 göterim arzanlady. Bu ýagdaý bugdaýyň dünýä bahasynyň 5,1 göterim arzanlamagy bilen baglanyşyklydyr. Bu ösüş meýilleri Demirgazyk Amerikada we Russiýada gowulaşan önümçilik mümkinçiliklerini, şeýle hem Gara deňiz başlangyjynyň çäklerinde eksportuň täzeden ýola goýlandygyny görkezýär.

Tüwiniň bahasy aýyň dowamynda durnukly boldy, iýmlik däneleriň bahasy bolsa 0,2 göterim ýokarlandy. Şol bir wagtyň özünde, Ýewropa Bileleşiginde we ABŞ-da yssy we gurak howa şertleri sebäpli mekgejöweniň dünýä bahalarynyň ýokarlanmagy arpa we sorgonyň (däneli ekinleriň bir urugy; şu uruga jöwen hem girýär) bahasynyň arzanlamagy bilen öwezini doldy.

Ösümlik ýagynyň bahasy iýul aýy bilen deňeşdirilende, 3,3 göterim arzanlap, 2021-nji ýylyň awgust aýy bilen deňeşdirilende, birneme pese düşdi. Soýa ýagynyň bahasy oňaýsyz howa şertleriniň ABŞ-nyň önümçiligine ýetiren täsiri bilen bagly ortaça ýokarlandy. Bu ýokarylyk palma, günebakar we raps ýaglarynyň arzan bahalary bilen öwezini dolup, günebakar ýagynyň ukrain portlaryndan ýuwaş-ýuwaşdan gaýtadan iberilýändigini görkezýär.

Süýt önümleriniň bahasynyň görkezijisi awgust aýynda 2 göterim pese gaçyp, 2021-nji ýylyň awgust aýynyň derejesinden 23,5 göterim ýokarlandy. Peýniriň dünýädäki bahasy onunjy aý yzly-yzyna ýokarlandy, süýdüň bahasy Günbatar Ýewropada we ABŞ-da önümçiligiň pesligine garamazdan Täze Zelandiýadan iberilýän önümleriň artmagyna garaşylýar.




Etiň bahasy iýul aýy bilen deňeşdirilende, 1,5 göterim pese gaçdy, ýöne bahasy bir ýyl ozalkydan 8,2 göterim ýokarlandy. Dünýäniň eksport bazaryndaky üpjünçiligiň ýokarlanmagynyň netijesinde, guş etiniň halkara bahalary awgust aýynda peseldi. Öňdebaryjy eksport edýän käbir ýurtlarda içerki isleglerиň gowşanlygy sebäpli dünýäde iri şahly mallaryň etiniň bahasy hem pese gaçdy.

Şekeriň bahasy 2021-nji ýylyň iýul aýyndan bäri iň pes derejede (2,1 göterim) aşaklady. Bu ýagdaý Hindistanda eksportuň ýokary derejede çäklendirilmegi we Braziliýada etanoluň bahasynyň peselmegi sebäpli ýüze çykdy.

***Däne önümçiliginiň çaklamasy***

● FAO 2022-nji ýyl üçin däne önümleri boýunça täzelenen çaklamany hem ýaýratdy. Dünýäniň däne önümçiliginiň möçberiniň geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 38,9 million tonna (1,4 göterim) peselmegine garaşylýar. Aşaklamanyň esasy bölegi iýmlik dänelere degişlidir. Ýewropa Bileleşiginde mekgejöweniň has yssy we gurak howa şertleri sebäpli geçen 5 ýylky ortaça derejesinden 16 göterim pese gaçmagyna garaşylýar.

FAO dünýäde bugdaý öndürmek baradaky çaklamasyny iýul aýynda geçirilen soňky hasabat bilen deňeşdirilende, 777 million tonna çenli ýokarlandyrdy. Bu Russiýada rekord derejede hasyla garaşylýarka hem-de Demirgazyk Amerikada amatly howa şertleriniň dörän wagtynda geçen ýyl bilen deňeşdirilende birneme pesdir.

1945-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda esaslandyrylan Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) açlyga garşy göreş alyp barmak, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, adamlaryň iýmitlenmek ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen ähli ýurtlaryň bilelikdäki tagallalaryna ýolbaşçylyk edýän BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. Dünýäniň 130-dan gowrak ýurdunda işleýän bu guramanyň düzüminde 184 ýurt bar.

FAO ösen we ösýän ýurtlaryň azyk howpsuzlygy babatynda syýasy kararlary ara alyp maslahatlaşýan forum hökmünde çykyş edýär. Mundan başga-da, FAO maglumat çeşmesi bolup hyzmat edýär, ösýän ýurtlara oba hojalygyny, tokaý hojalygyny we balykçylygy ösdürmekde ýardam berip, hemmeleri sagdyn iýmitlenmäge çagyrýar.

## DÜNÝÄ HABARLARY

**gysga setirlerde**

► **30 milliard dollar kömek bermekçi.** Ýaponiýanyň Hökümet başlygy Fumio Kisida öz ýurdunyň öňdäki üç ýylyň dowamynda Afrika ýurtlarynyň ösüşi üçin 30 milliard amerikan dollary möçberde maliýe kömegini bölüp bermekçidigini habar berdi. Ol bu barada Afrikanyň ösüşi boýunça halkara maslahatda eden çykyşynda aýtdy.



► **Üçünji baý adam yglan edildi.** «Bloomberg»-iň habaryna görä, «Adani Group» hindi konglomeratynyň başlygy Gautam Adani 137,4 milliard dollar baýlygy bilen dünýäniň iň baý adamlarynyň ilkinji üçlügine girdi. Sanawda birinji orundaky Ilon Maskyň maliýe emlägi 251,4 milliard dollara, ikinji orundaky Bezosyň emlägi 153,4 milliard dollara deň.




► **Öz bagynyň ysyny berýär.** Şazada Çarlz «Penhaligon» parfýumer brendi bilen bilelikde öz bagynyň ysyny ýadyňa salýan üýtgeşik atyr çykardy. Ol kedr agajynyň, geranyň, lawandanyň we sünbüliň yslaryny berýär. Şeýle-de, täze atyrda şazadanyň mülkünde ösýän «Tilia Petiolaris» kümüşsöw lipa leýlisaçynyň ysy mese-mälim duýulýar.



► **Görmegeýleriň pudaklary sanaldy.** «SuperJob» hyzmat ulgamy görmegeýleriň işleýän pudaklaryny sanady. Pikir soralyşyga gatnaşan russiýalylar aktýorlary, harbylary, türgenleri, lukmanlary iň görmegeý erkekler, şeýle-de, aktrisalary, lukmanlary, uçarbeletleri, kätipleri, mugallymlary we satyjylary iň owadan zenanlar hasapladylar.



► **4 müň ýyllyk ýazuwy seljerdiler.** Eýranyň alymlary elam çyzykly hatlaryň käbirini okamagyň hötdesinden gelendiklerini habar berdiler. Bu ýazuw miladydan öň 2300-1800-nji ýyllar aralygynda Eýranyň günortasynda ulanylypdyr. Häzir bu belgileriň 300-den gowragy bolup, olaryň 3,7 göterime golaýyny okamak başartdy.



► **Nebiti 30% arzan satmakçy.** Russiýa käbir Aziýa ýurtlaryna nebiti 30 göterim derejede arzan bahadan satmagy meýilleşdirýär. Bu barada maliýe maglumatlaryny berýän «Bloomberg» neşiri habar berdi. Bu başlangyjyň käbir satyn alyjylaryň ornuna täze müşderileri tapmak maksady bilen baglydygy tassyklanýar.



► **ABŞ Arktikada ilçi bellemekçi.** ABŞ öz taryhynda ilkinji gezek Ýer togalagynyň bu sowuk bölegine ilçi bellemek kararyna geldi. Bu karar döwlet departamentiniň metbugat sekretary Wedant Patel tarapyndan yglan edildi. ABŞ-nyň Arktikadaky ilçisi Arktika meseleleri boýunça beýleki 7 hyzmatdaşy bilen aragatnaşyk üçin jogapkärçilik çeker.



► **ASEAN ýurtlarynyň film festiwaly.** 2-nji sentýabrda Çehiýanyň paýtagty Pragada Hytaýyň, Ýaponiýanyň we Koreýa Respublikasynyň ýurtlarynyň diplomatik wekilhanalary tarapyndan guralan ASEAN ýurtlarynyň film festiwaly açyldy. Şäher kitaphanasynda geçirilýän film festiwaly 10 gün dowam edýär.



► **Bir günde gurlan jaý.** Niderlandlaryň «Fiction Factory» kompaniýasy mäkäm gysylan kartondan ykjam jaýlary gurmaga ýöriteleşdirilendir. Ýüz ýyllap durup bilýän bu jaý bary-ýogy 24 sagadyň dowamynda gurulýar. Häzirki wagtda diňe Ýewropada satylýan bu jaýyň agramy 3 tonna bolup, bahasy 30 müň ýewro deňdir.



## TARYHDA ŞU GÜN

**Çagalar we ýetginjekler üçin niýetlenen edebi eserleri çap etmek bilen meşgullanýan neşirýaty döretmek pikiri 1930-njy ýyllaryň başynda ozalky SSSR-de ýüze çykýar. Hut şondan soň sowet ýazyjylary şeýle neşirýatyň döredilmegine girişýärler we 1933-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda bu barada degişli Karar kabul edilýär.**





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# Dünýäniň meşhur doňdurmalary



**«Frozen yogurt», ABŞ.**
ABŞ-nyň bu meşhur doňdurmasynyň düzümini süýt bilen ýogurt emele getirýär. Bu doňdurmanyň ýaglylygy az bolany üçin kaloriýa babatda ýeňil hasaplanýar. ABŞ-nyň çäginde giňden ýaýran «Frozen yogurt» doňdurmasyna kiwi, ýertudana, malina, banan ýaly miweler, köke owuntyklary, maňyz ýa-da käbir ýumşak süýjülikler goşulyp iýilýär.

**«Spaghettieis», Germaniýa.**
Görnüşi italýanlaryň spagetti tagamyna meňzeş bolan bu doňdurmany 1960-njy ýyllarda Germaniýanyň Manhaým şäheriniň ýaşaýjysy Dario Fontanella oýlap tapýar. Düzümi wanilin, ýagly gaýmak (krema), ýertudananyň şiresi hem-de ak şokoladyň gyryndysyndan ybarat bolan bu doňdurma spagetti ýaly görünmegi üçin ýörite gyrgyçdan geçirilýär.





**«Gelato», Italiýa.**
Italiýanyň pizza, spagetti ýaly dünýä belli tagamlarynyň biri-de dykyzlygy bilen tapawutlanýan «gelato» doňdurmasydyr. «Doňaklyk» diýen manyny aňladýan «gelato» ter önümlerden taýýarlanýar. Gaýmakly, wanilinli, şokoladly, badamly, fundukly hem-de pisseli görnüşlerine alma, ýertudana, malina, limon, ananas ýaly miweler we ýumurtga-da goşulýar.

**«Paletas», Meksika.**
Içi miweli «Paletas» doňdurmasy meksikalylaryň meşhur tagamlarynyň biridir. Oňa başgaça «doňdurylan miwe» hem diýilýär. 1870-nji ýyllardan bäri limon, kiwi, ýertudana we miwe şiresi garylyp, şekilli gapjagazlaryň içinde doňdurylyp taýýarlanýan bu lezzetli iýmitiň hyrydary Latyn Amerikasynda, ABŞ-da hem-de Kanadada juda köp.





**«Kulfi», Hindistan.**
XVI asyrda Beýik Mogollar imperiýasy döwründe oýlanyp tapylan bu doňdurma diňe bir Hindistanda däl, Uzak Gündogar Aziýa ýurtlarynda-da giňden ýaýrandyr. «Kulfi» «üsti örtülen käse» diýen manyny aňladyp, beýleki doňdurmalara görä, ýagly hasaplanýar. Sygyr süýdünden taýýarlanýan bu özboluşly tagamyň bägülli, mangoly, safranly hem-de pisseli görnüşleri has ýörgünlidir.

**«Ais kacang», Malaýziýa.**
Diňe bir Malaýziýada däl, eýsem, Singapur we Bruneýde-de meşhur bolan «ais kacang» doňdurmasyna ABC hem diýilýär. «Noýba buzy» diýen manyny aňladýan «ais kacang» ilkinji gezek buzdan we gyzyl noýbadan taýýarlanypdyr. Häzirki wagtda bolsa mekge, arahis we dürli miweler goşulyp iýilýär. Malaýziýada «ais kacang»-yň üstüne bir çemçe adaty gaýmakly doňdurma goýlup hödür edilýär.





**«Sorbetes», Filippinler.**
Ýurduň milli tagamlarynyň biri bolan «sorbetes» doňdurmasy kokosyň süýdünden taýýarlanýar. Gäwmişiň süýdünden hem taýýarlanýan bu doňdurmanyň düzümine mangonyň, awokadonyň, ýertudananyň, gawunyň hem-de käbir ýerli miweleriň suwy goşulýar. 1979-njy ýylda özüne bagyşlanyp «Mamang Sobetero» atly filmi hem surata düşürilen bu doňdurma aglaba köçe satyjylary tarapyndan satylýar.

**«Maraş doňdurmasy», Türkiýe.**
Türkiýäniň dünýä belli tagamy bolan maraş doňdurmasy geçi süýdünden, orhideýanyň kökünіň külkesinden hem-de şekerden taýýarlanylýar. Bu doňdurma XV asyrda ilkinji gezek maraşly Osman Aga tarapyndan taýýarlanyp, Türkiýäniň diňe Kahramanmaraş welaýatynda öndürilýär. Eksport edilýän bu önüm A, B, C, D, E witaminlerine baýdygy hem-de süýnýändigi bilen tapawutlanýar.





**«Mochi», Ýaponiýa.**
Bürünjiň hamyryndan taýýarlanýan bu tagamyň daşy ýumşak marmelady ýadyňa salýar. Ýaponlaryň meşhur doňdurmasy bolan «mochi»-niň düzüminde bürünjiň hamyryndan başga-da suw, şeker hem-de krahmal bar. Şepbeşip duran bu doňdurma dürli miweleriň suwy goşulyp, dürli reňkde taýýarlanylýar.

**«Falude», Eýran.**
Ýurduň milli tagamlarynyň biri bolan «falude» wermişel şekilli krahmal bilen bägülüň şeker goşulan suwundan taýýarlanýar. Bu doňdurmanyň watany Eýranyň Şiraz şäheri hasaplanýar. Aglaba laýmon (ýaşyl limon) hem-de pisse bilen bilelikde hödür edilýän bu doňdurmanyň safranly, bally (ary baly) görnüşleri hem bar.



# Syýahatçylykda öňe saýlandy



Tailandyň paýtagty Bangkok syýahatçylyk babatda iň gowy dynç alyş ýerleriniň biridir. Bilermenleriň bellemegine görä, ýylyň birinji ýarymynda Bangkok 22 million syýahatçyny kabul edip, Pariž, London hem-de Dubaý ýaly meşhur şäherler bilen deňeşdirilende öňdeligi eýeleýär. Bu şäher gijeki görnüşi, daşky gurşawdaky özüne çekiji nokatlary, amatly dynç alyş ýerleri hem-de iň tagamly köçe naharlary bilen syýahatçylary özüne çekýär.

Häzirki zaman megamallaryň merkezi bolan Bangkokda gijeki görnüşi bilen köpçüligi özüne çekýän «Chinatown» we «Sukhumwit» medeni merkezleri bar. Bu merkezler syýahatçylaryň lezzetli dynç alýan ýerleridir. Bangkokda syýahatçylar üçin deňiz önümlerinden birnäçe görnüşli tagam taýýarlanýar. Şeýle hem duzly, ajy tagamlary halaýanlar üçin ýörite bazarlar hem bar. Şäheriň ýaşaýjylarynyň köpüsiniň iňlis dilini bilýändigi üçin syýahatçylara olar bilen düşünişmek, dostlukly gatnaşygy saklamak kyn düşmeýär.

Bu şäherde syýahatçylar özleri üçin niýetlenen tuk-tuklardan (üç tigirli mototaksi), «hop-on-hop-off» gezelenç awtobuslaryndan, suw ulaglaryndan (gaýyk) peýdalanyp, şäheriň gözel ýerlerini synlap bilýärler. Syýahatçylar «Grab» programmasy arkaly taksi hem çagyryp bilýärler. Bangkokda pyýada gezelenç etmegi ýa-da welosipedli aýlanmagy halaýanlar üçin hem birnäçe ýeňillikler döredilendir.





# Howuzda «ekizegine» gabat geldi

ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde bir erkek kişi dostlary bilen myhmanhananyň çägindäki howuza suwa düşmäge baranda, ol ýerde tötänden özüne meňzeş adama gabat geldi.

Şon Duglas Makardl howuzda ýaňy ýüzüp başlan wagty, birden, howuzdakylaryň özüne barmaklaryny çommaldyp gülüp ugrandyklaryny görüp geňirgenýär. Ol bu ýerde bolup geçýän zatlara birbada düşünmän, pikirleri garjaşýar. Şeýle-de bolsa, basym dostlarynyň näme üçin gülýändiklerine göz ýetirýär. Görüp otursa, onuň dostlary başga bir ýüzüjä seredip hem gülüşýän ekenler. Dostlarynyň nämä gülýändigine düşünen Makardlyň dili tutulýar. Bir seretse edil golaýjagynda bir almany iki bölen ýaly özüne meňzeş bir adam hem suwa düşüp ýören bolsa nätjek!



– Meniň oňa gözüm kaklyşanda öz ýanymdan: «Bä, bu adam her günde aýnada görýänime meňzeýän ýaly-la, how» diýip oýladym – diýip bellän Makardl «Reddit» saýtynda özüne meňzeş adam bilen düşen suratyny paýlaşdy. Olar diňe bir meňzeş äýnek dakynman, eýsem, meňzeş ak başgap hem geýen ekenler.

## ÇAGALAR

«Termos» sözi grekçedäki «thermos» (gyzgyn) sözünden gelip çykýar. Onuň tutawaçly, plastmassa dykyly, gapagyny suwuklyk içmek üçin ulanyp bolýan, daşky bezegi hem-de göwrümi taýdan tapawutlanýan birnäçe görnüşi bar. Şol sanda çagalar üçin ulanmaga amatly ergenomik (tutmak üçin oňaýly) görnüşleri hem bar.



# Paýhasly çözgüt

(erteki)

Ir zamanlarda çet-gyrakdaky obalaryň birinde ýaşaýan bir gojanyň üç ogly bar eken. Maşgalanyň 17 düýesi bolup, şolar bilen gün-güzeranyny dolapdyrlar. Ýük daşamak isleýänler gojanyň düýelerini kireýine alýan ekenler. Günlerde bir gün goja aradan çykypdyr. Ol ogullaryna galdyran wesýetnamasynda bar baýlygy bolan düýeleriniň ýarysyny uly ogluna, üçden birini ortanjy ogluna, dokuzdan birini bolsa, körpe ogluna goýýandygyny wesýet edýär. Ogullary bu hasaba düşünmän, uzak wagtlap oýlanýarlar. Olar 17-ni täk san bolanlygy üçin ikä-de, üçe-de, dokuza-da bölüp bilmän kösenipdirler.

Aradan birnäçe gün geçipdir. Emma gojanyň ogullary düýeleri wesýetnamadaky ýaly edip bölmegiň ugruny tapmandyrlar. Soňra olar obalarynda ýaşaýan akyldardan maslahat almagy ýüregine düwüpdirler. Ýigitler akyldaryň ýanyna baryp emele gelen ýagdaýy düşündirenlerinde, ol düýeleriň ählisini öz ýanyna getirmeklerini towakga edipdir.

Doganlar düýeleriň ählisini akyldaryň ýanyna alyp gelipdirler. Akyldar öz düýeleriniň birini 17 düýäniň arasyna goşupdyr. Şeýlelikde, düýeleriň sany 18-e ýetipdir. Soňra dana kişi doganlaryň ulusyndan wesýetnamany okamagyny sorapdyr. Wesýetnamada bellenilişi ýaly, doganlaryň ulusyna 18-iň ýarysy bolan 9 düýe düşýän eken. Doganlaryň ulusy atasyndan galan mirasdan 9 düýäni alypdyr. Ol ýerde ýene-de 9 düýe galypdyr. Akyldar doganlaryň ortanjysyndan wesýetnamany okamagyny sorapdyr. Wesýetnamada ýazylyşy ýaly doganlaryň ortanjysy 18-iň üçden biri bolan 6 düýä eýe bolupdyr. Şeýlelikde, 3 düýe galypdyr.

Wesýetnama laýyklykda, doganlaryň körpesine düýeleriň 9-dan biri bolan 2 düýe ýetipdir. Şeýlelikde, wesýetnamada ýazylyşy ýaly 17 düýe üç doganyň arasynda paýlanypdyr. Akyldar bolsa, öz düýesini yzyna alypdyr. Şeýlelikde, mesele çözülipdir.

**Paýhas bir meseläni çözmek üçin ortalyk pikir tapmakdan ybaratdyr. Gepiň küle ýeri, islendik meseläniň bir çözgüdi bardyr.**



# «Murtly» maýmyn

Tebigatda daşky alamatlary bilen tapawutlanýan ýüzlerçe jandar bolup, şolaryň biri hem «imperator» lakamy bilen tanalýan tamarin maýmynydyr. Imperator tamarin Braziliýanyň Akre we Amazonas ştatlaryndaky hem-de Perudaky pes daglyk tokaýlarda ýaşaýan maýmynyň kiçijik görnüşidir. Mundan başga-da, Amazon sebitinde, Boliwiýanyň demirgazygyndaky tokaýlarda duş gelmek bolýar. Onuň boýy 18-30 santimetre, agramy 900 grama ýetýär. Olaryň çalymtyl bedeni we gyzyl-goňur guýrugy bolup, käbiriniň döşünde sarymtyl tegmilleri hem bar. Imperator tamarini meşhur edýän zat – onuň uzyn ak murtudyr.



Bu maýmynlar, esasan, 10 metrden ýokary belentlikdäki agaçlarda hereket edip, ýere seýrek ýagdaýda düşýärler. Şahalardan dikligine ýapyşmak arkaly bir agaçdan beýleki agaja çaltlyk bilen bökýärler. Olaryň esasy iýmiti agaçlaryň güli we miwesidir. Imperator tamarinler güýçli inçe sesleri arkaly habarlaşyp, biri-biriniň sesini 150 metr uzaklykdan eşidip bilýärler.

Maýmynyň bu kiçijik görnüşi Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak boýunça halkara bileleşik (IUCN) tarapyndan hasaba alnyp, azalýan jandarlaryň hatarynda görkezilýär. Imperator tamarinler Perunyň «Manu» milli seýilgähinde, Boliwiýanyň «Manuripi-Heath Amazon» tebigy goraghanasynda adamlar tarapyndan idedilýär. Dünýäniň birnäçe şäherindäki haýwanat baglarynda hem bu kiçijik maýmynlara duş gelmek bolýar.

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?



**Termos.** Irki döwürlerde adamlarda suwuklygy üýtgetmän saklaýan haýsydyr bir zady oýlap tapmak pikiri döreýär. Ilkinji suw gaplarynyň daşyna ýüň ýa-da hasa oramak arkaly suwuklygy birnäçe sagatlap şol bir temperaturada saklapdyrlar. Adam aňynyň kämilleşmegi bilen, suwuklygy uzak wagtlap şol bir temperaturada saklamak üçin oýlanyp tapylan serişdeleriň biri hem termosdyr. Adamlar termos ulanmak arkaly yssy howa şertinde sowuk suw, sowuk şertlerde gyzgyn çaý ýa-da kofe içmek mümkinçiligine eýe bolýarlar. Durmuşymyzda gündelik ulanylýan Ilkinji termosy kimiň haçan oýlap tapandygy hemmämiz üçin gyzykly bolsa gerek.

Şotlandiýaly fizik we himik Jeýms Dýuar (1842-1923) suwuk himiki serişdeleri pes derejede saklamak üçin wakuum çüýşesi bolan gaby oýlap tapýar. 1892-nji ýylda Dýuar aýna çüýşäni başga bir çüýşäniň içine ýerleşdirýär. Netijede, wakuumly gatlak döräp, ol iki çüýşäniň arasynda howasyz boşlugy emele getirýär. Bu oýlap tapyş suwuklygy uzak wagtlap şol bir temperaturada saklamaga mümkinçilik berýär. Açyşy şowly netije berensoň, Dýuar bu önümi kämilleşdirmäge we täze görnüşlerini oýlap tapmaga girişýär.

Dýuaryň wakuumly gaplary birnäçe ýyllap laboratoriýada ylmy maksatlar üçin peýdalanylýar. Wakuumly gaplaryň söwda tekjelerinde satylyp, gündelik durmuşda ulanylyp bilinjekdigi baradaky pikir Dýuaryň işgäri Reýnhold Burgeriň kellesine gelýär. Ol wakuumly gaplarda himiki suwuklyklary däl-de, gündelik durmuşda zerur bolan içimlikleri saklap boljakdygyny Dýuara aýdýar. Netijede, 1904-nji ýylda Dýuar wakuumly gaplaryna patent alýar. Şondan soň bu gaplar «Termos» ady bilen Germaniýanyň «Thermos GmbH» kompaniýasy tarapyndan öndürilip, satuwa çykarylyp başlanýar. «Termos» sözi grekçedäki «thermos» (gyzgyn) sözünden gelip çykýar. Mýunhende geçirilen täze oýlap tapyşlaryň ýaryşynda täze önüm üçin «termos» sözi teklip edilýär we makullanýar. 1907-nji ýylda Burger termosyň aýna çüýşeleriniň döwülmezligi üçin onuň daşyny metal gurşaw bilen kämilleşdirýär. Ol özüniň metal daşlykly termosyna patent alyp, ABŞ-da önümçiligini ýola goýýar. Şeýlelikde, termoslar bütin dünýäde ýaýrap başlaýar. Onuň tutawaçly, plastmassa dykyly, gapagyny suwuklyk içmek üçin ulanyp bolýan, daşky bezegi hem-de göwrümi taýdan tapawutlanýan birnäçe görnüşi bar. Şol sanda çagalar üçin ulanmaga amatly ergenomik (tutmak üçin oňaýly) görnüşleri hem bar. Durmuşymyza giňden ornaşan termos yssyda sowuk suwy, sowuk howada gyzgyn çaýdyr kofäni belli bir wagt aralygynda şol bir temperaturada saklamaga hyzmat edýär.

## Labirint



## Sudoku

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| 5 | | 4 | | | |
| 6 | | | | 3 | 5 |
| 1 | 2 | | | | |
| | | | 6 | | |
| | | 1 | | | 3 |
| 4 | | 3 | | 6 | 2 |

## Binox

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | O | O | | | X |
| | | | O | | |
| O | O | | | | X |
| O | | | X | | X |
| | X | | | O | |
| | X | X | | | O |

## Origami



# «AHAL» BILEN «ALTYN ASYR» ARANY AÇÝAR

Futbol boýunça Türkmenistanyň Milli çempionatynda 8-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Duşuşyklarda 16 gol geçirilip, 3 oýunda myhmanlar ýeňiş gazandy. Sanawyň başyny çekýän iki topar myhmançylykda uly hasaplar bilen ýeňşini baýram etdi.

Birinji basgançakda barýan «Ahal» myhmançylykda «Nebitçi» bilen duşuşyp, 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Gollarynyň 3-sini 1-nji ýarymda geçiren «Ahalyň» adyndan Resul Hojaýew (9, 85) bilen Didar Durdyýewiň (31, 45+1) hersi 2 gezek tapawutlandy. Ýer eýeleri «Nebitçiniň» ýeke-täk goluny-da 41-nji minutda Wladislaw Kopaýew geçirdi.

Çempion «Altyn asyr» myhmançylykda «Energetik» toparyndan 5–1 üstün çykdy. Eýýäm 1-nji ýarymda 3 gol geçiren «Altyn asyryň» gollarynyň 2-sini Begmyrat Baýow (6, 24), beýlekilerini Myrat Annaýew (26), Rahman Myratberdiýew (49) hem-de Altymyrat Annadurdyýew (63 p) geçirdi. «Energetik» toparynyň adyndanam 90-njy minutda Teýmur Çaryýew tapawutlandy.

3-nji ýer üçin göreşýän toparlaryň özara duşuşygynda «Merw» öz meýdançasynda «Köpetdagdan» 2–0 asgyn geldi. Paýtagtlylaryň gollarynyň 2-sini hem Begenç Akmämmedow derweze girizdi. Ol oýnuň başynda (5 p) hem-de ahyrynda (83) tapawutlanmagy başardy. «Aşgabat» topary-da «Şagadamy» 2–1 hasabynda ýeňip, möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazandy. «Aşgabat» topary 22-nji minutda Merdan Muhadowyň goly bilen öňe saýlansa-da, 41-nji minutda Yhlas Magtymow hasaby deňlemegi başardy. Ýer eýelerine ýeňiş getiren goly 90-njy minutda Bäşim Gurbangeldiýew geçirdi.

9-njy tapgyryň, ýagny derbiler tapgyrynyň duşuşyklary 13–14-nji sentýabrda oýnalar («Merw»—«Energetik», «Köpetdag»—«Aşgabat», «Şagadam»—«Nebitçi», «Ahal»—«Altyn asyr»).

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «AHAL» | 8 | 7 | 1 | 0 | 29–6 | 22 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 8 | 5 | 3 | 0 | 15–3 | 18 |
| 3 | «MERW» | 8 | 4 | 1 | 3 | 12–11 | 13 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 8 | 4 | 0 | 4 | 13–15 | 12 |
| 5 | «ŞAGADAM» | 8 | 3 | 2 | 3 | 11–11 | 11 |
| 6 | «ENERGETIK» | 8 | 2 | 1 | 5 | 6–20 | 7 |
| 7 | «AŞGABAT» | 8 | 2 | 0 | 6 | 10–14 | 6 |
| 8 | «NEBITÇI» | 8 | 1 | 0 | 7 | 8–24 | 3 |

## Transfer täzelikleri

Ýewropada transfer möwsümi tamamlandy. Transfer möwsüminiň soňky günlerinde onlarça futbolçy klubuny üýtgetdi. Olaryň käbiri kärendesine başga klublara geçen bolsa, käbirleri-de ymykly transfer boldy. Kärendesine geçen oýunçylaryň aglabasynyň möwsümiň ahyrynda ymykly transfer bolmak mümkinçilikleri-de bar. Transferiň soňky 2 gününde «Milan» we «Çelsi» toparlary 2 oýunçyny düzümine goşdy. «Sewilýa» 2 oýunçy alyp, 2 oýunçysyny ugratdy. «Barselona» 2 goragçy transfer edip, 2 hüjümçisini hem transfere goýberdi. PSŽ-niň hem 5 futbolçysy başga klublara transfer boldy.

**Transfer möwsüminiň soňky günlerinde transfer bolan käbir futbolçylar:**

**Denis Zakariýa** (ABŞ) — «Ýuwentusdan» «Çelsä» (kärendesine).

**Pier-Emerik Obameýang** (Gabon) — «Barselonadan» «Çelsä» (12 million ýewro, 2 ýyl şertnama)

**Markos Alonso** (Ispaniýa) — «Çelsiden» «Barselona» (erkin agent)

**Martin Braýtweýt** (Daniýa) — «Barselonadan» «Espanýola» (erkin agent)

**Jorjinio Dest** (ABŞ) — «Barselonadan» «Milana» (kärendesine)

**Hektor Bellerin** (Ispaniýa) — «Arsenaldan» «Barselona» (erkin agent)

**Willian** (Braziliýa) — «Korintiansdan» «Fulhama» (erkin agent)

**Françesko Açerbi** (Italiýa) — «Lasiodan» «Intere» (kärendesine)

**Idrissa Guýe** (Gana) — PSŽ-den «Ewertona» (8,2 million ýewro, 2 ýyl şertnama)

**Lewen Kurzawa** (Fransiýa) — PSŽ-den «Fulhama» (kärendesine)

**Abdu Diallo** (Fransiýa) — PSŽ-den «Leipsige» (kärendesine)

**Manuel Akandži** (Şweýsariýa) — «Borussiýa Dortmunddan» «Mançester Sitä» (18 million ýewro, 5 ýyl şertnama)

**Artur Melo** (Braziliýa) — «Ýuwentusdan» «Liwerpula» (kärendesine)

**Andre Gomeş** (Portugaliýa) — «Ewertondan» «Lille» (kärendesine)

**Jastin Kluwert** (Niderlandlar) — «Romadan» «Walensiýa» (kärendesine)

**Kasper Dolberg** (Daniýa) — «Nissadan» «Sewilýa» (kärendesine)

**Due Çaleta-Sar** (Çehiýa) — «Marselden» «Southemptona» (10 million ýewro, 4 ýyl şertnama)

**Ýusuf Ýazyjy** (Türkiýe) — «Lillden» «Trabzonspora» (kärendesine)

**Lukas Okampos** (Argentina) — «Sewilýadan» «Aýaksa» (kärendesine)

Florian Grilliş (Awstriýa) – «Hoffenhaýmdan» «Aýaksa» (erkin agent)

Ýulian Draksler (Germaniýa) — PSŽ-den «Benfika» (kärendesine)

Abdul-Rahman Baba (Gana) — «Çelsiden» «Redinge» (erkin agent)

Marko Pýasa (Horwatiýa) — «Ýuwentusdan» «Empolä» (kärendesine)

Ilaiks Moriba (Gwineýa) — «Leipsigden» «Walensiýa» (kärendesine)

Karlos Soler (Ispaniýa) — «Walensiýadan» PSŽ-e (21 million ýewro, 5 ýyl şertnama)

Martin Dubrawko (Slowakiýa) — «Nýukasldan» «Mançester Ýunaýtede» (kärendesine)

Aster Wranks (Awstriýa) — «Wolfsburgdan» «Milana» (kärendesine)

Umar Sadik (Nigeriýa) — «Almeriýadan» «Real Sosiedada» (25 million ýewro, 6 ýyl şertnama)

Amin Guiri (Fransiýa) — «Nissadan» «Renne» (alyş-çalyş)

Gaetan Labord (Fransiýa) — «Rennden» «Nissa» (alyş-çalyş)

Leander Dendonker (Belgiýa) — «Wulwerhemptondan» «Aston Willa» (15 million ýewro, 4 ýyl şertnama)

Mauro Ikardi (Argentina) — PSŽ-den «Galatasaraýa» (kärendesine)

Dele Alli (Angliýa) — «Ewertondan» «Beşiktaşa (kärendesine)

Miralem Pýaniç (Bosniýa we Gersegowina) — «Barselonadan» «Al Şarja» (kärendesine)

Serž Orie (Kot-d'Iuwar) — «Tottenhamdan» «Nottingam Foreste» (erkin agent)

Adnan Ýanuzaý (Belgiýa) — «Real Sosiedaddan» «Sewilýa» (erkin agent, 4 ýyllyk şertnama)

Mario Balotelli (Italiýa) — «Adana Demirspordan» «Siona» (2 million ýewro, 2 ýyllyk şertnama)

Munir El Haddadi (Marokko) — «Sewilýadan» «Hatefe» (kärendesine)

Madi Kamara (Gwineýa) — «Olimpiakosdan» «Roma» (kärendesine)

## Werstappeniň 30-njy, Banaianyň 10-njy ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 15-nji ýaryşy Niderlandlaryň Sandwoort şäherinde geçirilip, ýer eýesi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. «Red Bull» toparynyň sürüjisi ilkinji hatardan başlan ýaryşynda 72 aýlawy 1 sagat 36 minut 42,773 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň bassyr 4-nji, şu möwsümdäki 10-njy ýeňşidir. Şeýle-de, bu niderland sürüjisiniň karýerasyndaky 30-njy ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Werstappenden







4,071 sekunt yza galan «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell 2-nji, «Ferrariniň» monakoly piloty Şarl Lekler 3-nji ýeri eýeledi. Lýuwis Hamiltonyň 4-nji bolan ýaryşynda meksikaly Serhio Perez pellehanadan 5-nji bolup geçdi.

Şeýlelikde, 15 ýaryşyň netijesinde utugyny 310-a çykaran Werstappen bassyr 2-nji çempionlygyna barha golaýlaýar. 201 utugy bolan Şarl Lekler bilen Serhio Perez 2-3-nji orunlary eýeleýärler.

Möwsümiň 16-njy ýaryşy 11-nji sentýabrda Italiýada geçiriler.

Moto GP boýunça möwsümiň 14-nji tapgyry San Marino «Gran Prisi» Italiýanyň Rimini şäherinde geçirildi. Misano Marko Simonçelliniň adyny göterýän halkara trassada geçirilen 27 aýlawlyk bäsleşikde «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýeňiji boldy. Ol 41 minut 43,199 sekuntda pellehana gelip, yzly-yzyna 4-nji, möwsümdäki 6-njy hem-de karýerasyndaky 10-njy ýeňşini gazandy. «Gresini Ducati» toparynyň italýan sürüjisi Enea Bastianini ýeňijiden 0,034 sekunt yza galyp, 2-nji ýeri eýeledi. Münberiň 3-nji basgançagyna-da ýeňijiden 4,212 sekunt soň pellehana gelen ispaniýaly Mawerik Winýales çykdy. Sanawyň lideri, fransiýaly Fabio Kuartararo ýaryşy 5-nji orunda tamamlady.



Sürüjileriň sanawynda Fabio Kuartararonyň liderligi dowam etse-de, soňky 4 ýaryşda ýeňiş gazanan Françesko Banaia kem-kemden 1-nji orna golaýlap barýar. Kuartararonyň 212, Banaianyň 181 utugy bar.

Möwsümiň indiki ýaryşy 18-nji sentýabrda Ispaniýada geçiriler.

## Serena Williams karýerasyny tamamlady

Tennis sportunyň ähli döwürleriniň iň öňdebaryjylaryndan hasaplanýan, amerikaly tennisçi zenan Serena Williams özüniň sport ýoluny tamamlady. Ol mundan 3 hepde ozal, «Amerika Açyk» bäsleşiginiň özüniň çykyş etjek iň soňky ýaryşy boljakdygyny mälim edipdi. Möwsümiň 4-nji «Uly tuwulga» ýaryşy bolan «Amerika Açyk» ýaryşynyň 3-nji tapgyrynda awstraliýaly Aýla Tomlýanowiçden asgyn gelen 40 ýaşyndaky Serena Williams duşuşykdan soň özüniň söýgüli sporty bilen tolgundyryjy ýagdaýda hoşlaşdy. 26-njy sentýabrda 41 ýaşyna gadam basjak meşhur tennisçi karýerasy boýunça 73 ýaryşda ýeňiş gazandy. Bu görkeziji ony zenanlaryň arasynda iň köp bäsleşikde çempion bolan 5-nji tennisçi hökmünde ykrar edýär. Ol karýerasy boýunça 23 «Uly tuwulga» gazanyp, bu ugurda rekordyň bosagasyndan gaýtdy. Serena Williams «Awstraliýa Açykda» 7, «Fransiýa Açykda» 3, «Wimbledon»-da 7 hem-de «Amerika Açykda» 6 gezek çempion bolmagy başardy. Serena Willaims «Açyk» döwürde iň köp «Uly tuwulga» kubogyny gazanan tennisçi




bolmak bilen, ol ähli döwürleri hasaba alanyňda, Margaret Kortdan (24) soň 2-nji ýeri eýeleýär. Serena Williams karýerasy boýunça 1012 duşuşyk geçirip, şolaryň 858-sinde ýeňiş gazandy (154 ýeňliş). Onuň tennis ýaryşlaryndan gazanan pul baýragynyň umumy mukdary 94 million 588 müň 910 dollara deňdir. Bu bolsa zenanlaryň arasyndaky iň ýokary görkeziji diýmekdir.

# URUGWAÝYŇ MILLI ÝYGYNDYSY

XXII Dünýä Kubogyna 72 gün galdy

Katar 2022-de çykyş etjek ýygyndylar barada gysgaça berýän maglumatlarymyzy Günorta Amerikanyň wekilleri bilen dowam edýäris. Bu gezekki maglumatymyz Dünýä Kubogynyň ilkinji çempiony Urugwaýyň milli ýygyndysy barada bolar.

Urugwaýda futbol federasiýasy 1900-nji ýylyň 30-njy martynda esaslandyrylýar. 1916-njy ýylda KONMEBOL-yň esaslandyrylmagynda urugwaýlylaryň tagallasy uly bolýar. Urugwaý 1923-nji ýylda-da FIFA-nyň agzalygyna girýär. Ilkinji Dünýä Kubogyny guran Urugwaý ilkinji çempion bolup, olar 1950-nji ýylda-da Braziliýada taryhy çempionlyk gazanýar. Urugwaýyň ýygyndysy 14-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar (1930, 1950, 1954, 1962, 1966, 1970, 1974, 1986, 1990, 2002, 2010, 2014, 2018, 2022).

**Ilkinji duşuşyk hem-de iň uly hasaply ýeňliş:** Urugwaý—Argentina: 0–6 (Montewideo, 1902)

**Iň uly hasaply ýeňiş:** Urugwaý—Boliwiýa: 9–0 (Lima, 1927)

**ILKINJI ÇEMPION**

Ilkinji Dünýä Kubogyny guran Urugwaýyň ýygyndysy ilkinji çempion hökmünde adyny taryha altyn harplar bilen ýazdyrýar. Toparçada Perunyň ýygyndysyny Hektor Kastronyň ýeke-täk goly bilen ýeňýär. Hektor Kastro Urugwaýyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny geçiren futbolçy bolýar. Rumyniýany 4–0 ýeňen Urugwaý ýarym finalda-da Ýugoslawiýadan 6–1 üstün çykýar. Bu oýunda Sea 3, Anselmo 2 gol geçirýär. Finalda-da goňşusy Argentinanyň ýygyndysy bilen duşuşyp, 1-nji ýarymy 2–1 tangoçylaryň peýdasyna tamamlanan oýunda Urugwaý 4–2 hasabynda ýeňiş gazanýar we Dünýä Kubogynyň ilkinji eýesi bolýar. Ýewropada geçirilen çempionatlara öz nägileligini bildirip, gatnaşmaýar. 20 ýyldan soň 1950-nji ýylda Braziliýadaky çempionat hem olar üçin taryhy ýeňiş bilen tamamlanýar. Toparçada Boliwiýany 8–0 ýeňen Urugwaý final tapgyrynyň toparçasynda Ispaniýa bilen 2–2 deňme-deň oýnap, Şwesiýany-da 3–2 ýeňýär. 1-nji duşuşykda Migues 3, Skiaffino 2 gezek tapawutlanýar. Toparçadaky soňky, aýgytlaýjy oýunda-da Braziliýany Skiaffino we Gidžanyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, 2-nji gezek gatnaşan çempionatynda 2-nji çempionlygyny baýram edýär.



Diego Alonso

Şweýsariýa 1954-de 3-nji toparçada Çehoslowakiýany 2–0, Borgesiň het-trik edip, Migues bilen Abbaddieniň 2 gol geçiren duşuşygynda-da Şotlandiýany 7–0 utýar. Çärýek finalda çekeleşikli geçen oýunda Angliýany 4–2 ýeňýär. Ýarym finalda Wengriýadan goşmaça wagtda 4–2 asgyn gelýär. Bu olaryň Dünýä Kubogy taryhyndaky ilkinji ýeňlişi bolýar. 3-nji ýer ugrundaky oýunda Awstriýadan 3–1 utulan, Urugwaý Dünýä Kubogyny 4-nji orunda tamamlaýar.

1958-nji ýyldaky ýaryşyň daşynda galan Urugwaý 1962-nji ýylda Çilidäki çempionatda 1-nji toparçada bir duşuşykda ýeňiş gazanyp, ýaryşy ir tamamlaýar. Kolumbiýany 2–1 ýeňen Urugwaý Ýugoslawiýadan 3–1, SSSR-den 2–1 asgyn gelýär. Angliýa 1966-da ýer eýeleri bilen golsuz deňme-deň oýnaýar. Fransiýany 2–1 utup, Meksika bilenem golsuz deňlikden soň, çärýek finala çykýar. Çärýek finalda-da Germaniýadan 4–0 ýeňilýär. Meksika 1970-de 2-nji toparçada Ysraýyly Maneiro hem-de Muýikanyň gollary bilen 2–0 ýeňip, Italiýa bilen deňme-deň oýnaýar (0–0). Şwesiýadan utulsa-da, çärýek finala çykýar. Çärýek finalda SSSR-i goşmaça wagtda Esparragonyň ýeke-täk goly bilen utýar. Ýarym finalda köne garşydaşy Braziliýadan 3–1 ýeňilýär. Bürünç medal ugrundaky duşuşykda-da Germaniýadan 1–0 utulyp, 2-nji gezek 4-nji orny eýeleýär. 1974-nji ýylda Günbatar Germaniýada geçirilen çempionatda Niderlandlardan 2–0 utulyp, Bolgariýa bilenem 1–1 deňme-deň oýnaýar. Şwesiýadan hem 3–0 asgyn gelen Urugwaýyň ýygyndysy 1978 we 1982-nji ýyllardaky çempionatlaryň daşynda galyp, taryhynda 2-nji gezek yzly-yzyna 2 Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmeýär.



Luis Suares bilen Edinson Kawani

12 ýyldan soň Dünýä Kubogyna dolanan Urugwaýyň ýygyndysy Meksika 1986-da nemesler bilen utuklary paýlaşýar (1–1). Daniýadan 6–1 utulan Urugwaý Şotlandiýa bilen golsuz deňme-deň oýnaýar we 2 utuk bilen 2-nji tapgyra çykýar. 1/8 finalda-da Argentinadan Paskulliniň ýeke-täk goly esasynda 1–0 ýeňilýär. Italiýa 1990-da hem edil 4 ýyl öňki ýaly netije görkezýär. Ispaniýa bilen 0–0 oýnap, Belgiýadan 3–1 utulýar. Günorta Koreýany Fonsekanyň 90-njy minutdaky goly bilen ýeňip, 1/8 finala adyny ýazdyrýar. 2-nji tapgyrda-da Italiýadan 2–0 asgyn gelýär. Urugwaýyň ýygyndysy ýene-de yzly-yzyna 2 Dünýä Kubogy ýaryşynyň daşynda galýar (1994, 1998). 2002-nji ýylda Aziýada geçirilen çempionaty 2 utuk bilen şowsuz ýagdaýda tamamlaýar. Daniýadan 2–1 utulan Urugwaý Fransiýa bilen golsuz deňme-deň oýnaýar. 3-nji duşuşygynda-da Senegal bilen 3–3 hasabynda deňme-deň oýnap, toparçada 3-nji ýeri eýeleýär. Germaniýa 2006-a gatnaşyp bilmedik Urugwaýyň ýygyndysy 2010-njy ýylda Günorta Afrikadaky çempionatda şowly çykyş edýär. Bu ýaryşda-da Fransiýa bilen golsuz deňme-deň oýnan Urugwaý Forlan (2) we A. Pereiranyň gollary esasynda GAR-y 3–0 utýar. Toparçadaky 3-nji duşuşygynda Meksikadan Luis Suaresiň goly bilen 1–0 üstün çykýar. 1/8 finalda Günorta Koreýanyň ýygyndysyny ýene-de Luis Suaresiň gollary esasynda 2–1 ýeňlişe sezewar edýär. Çärýek finalda Gana bilen duşuşýar. Luis Suaresiň derweze barýan topy elläp gyzyl kart almagy bilen ýatda galan oýunda Urugwaý penaltileriň netijesinde Ganany ýaryşdan çykarýar. 40 ýyldan soň ýarym finala çykan Urugwaýyň ýygyndysy çekeleşikli geçen duşuşykda Niderlandlardan 3–2 asgyn gelýär. 3-nji ýer ugrundaky oýunda-da Germaniýadan 3–2 hasabynda utulyp, 3-nji sapar 4-nji orna mynasyp bolýar. Bu çempionatda Diego Forlan ýygyndysynyň soňky 3 duşuşygynda-da tapawutlanyp, ol ýaryşyň iň ökde oýunçysy saýlanýar. 2014-nji ýylda Braziliýada geçirilen çempionatda «D» toparçada Kosta Rikadan 3–1 utulyp, ýeňliş bilen başlaýar. Angliýany Luis Suaresiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňýär. Italiýany hem Godiniň ýeke-täk goly esasynda utup, 2-nji tapgyra çykýar. 1/8 finalda Hames Rodrigesiň 2 gol geçiren duşuşygynda Kolumbiýadan 2–0 ýeňilýär. Russiýa 2018-de «A» toparçada çykyş edip, 9 utuk toplaýar. Müsürdir Saud Arabystanynyň ýygyndylaryny degişlilikde, Himenes we Luis Suaresiň gollary esasynda 1–0 hasaplar bilen ýeňen Urugwaý ýer eýesi Russiýadan hem 3–0 üstün çykýar (Suares 10, Çeryşew 23 ö.d., Kawani 90). 1/8 finalda Portugaliýany 2–1 ýeňýär. Duşuşykda Urugwaýa ýeňiş getiren gollaryň ikisini-de Kawani geçirýär. Çärýek finalda-da Fransiýadan 2–0 utulýar.

**Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda geçiren duşuşyklary:** 172 oýun, 77 ýeňiş, 46 deňlik, 49 ýeňliş, 240 – 186 gol

**Dünýä Kubogynda geçiren duşuşyklary:** 56 oýun, 24 ýeňiş, 12 deňlik, 20 ýeňliş, 87–74 gol

Günorta Amerikanyň Kubogy bolan Kopa Amerikada 15 çempionlyk (1916, 1917, 1920, 1923, 1924, 1926, 1935, 1942, 1956, 1959, 1967, 1983, 1987, 1995, 2011) gazanan Urugwaýyň ýygyndysy bu ugurda Argentina bilen rekordy paýlaşýar. Urugwaýyň ýygyndysynyň tälimçisi bolan hünärmenleriň diňe birinden galany ýerli tälimçilerdir. Argentinaly Daniel Passarella Urugwaýyň ýygyndysyna tälim beren ýeke-täk daşary ýurtly tälimçi bolup, ol 2000–2001-nji ýyllarda bu wezipede işleýär. Alberto Suppiçi, Huan Lopes, Huan Karlos Korazzo, Hugo Bagnulo, Oskar Tabares ýaly ussatlar tälim berýär. Häzirki wagtda Diego Alonsonyň tälimçiliginde bolan ýygyndy Katar 2022-de Fernando Muslera, Martin Kaseres, Hose Himenes, Matias Wesino, Federiko Walwerde, Rodrigo Bentankur, Edinson Kawani, Luis Suares, Darwin Nunýes ýaly ýyldyzlaryna uly ynam bildirýär. Urugwaýyň Katar 2022-däki garşydaşlary ýeňil-ýelpaý toparlar bolman, olar 1/8 finala çykmakda azda-kände kynçylyk çekip bilerler...

**Iň köp duşuşyk geçirenler:** Diego Godin – 159, Edinson Kawani – 133, Fernando Muslera – 133

**Iň köp gol geçirenler:** Luis Suares – 68, Edinson Kawani – 58, Diego Forlan – 36

**URUGWAÝYŇ MILLI ÝYGYNDYSYNYŇ KATAR 2022-DÄKI DUŞUŞYKLARY:**

▶ 24-nji noýabr (18:00):
**URUGWAÝ – G. KOREÝA** («Education City», Al Raýýan)
▶ 28-nji noýabr (00:00):
**PORTUGALIÝA – URUGWAÝ** («Lusail Iconic», Lusail)
▶ 2-nji dekabr (20:00):
**GANA — URUGWAÝ** («Al Janoub», AlWakra)

# Mbappe, Lewandowski, Holann

UEFA Çempionlar Ligasynda täze möwsümiň toparçalardaky 1-nji duşuşyklary oýnaldy. Geçirilen 16 duşuşygyň diňe 1-i deňlikde tamamlandy. 9 oýunda ýer eýeleri, 6 duşuşykda-da myhmançylykdaky klublar ýeňiş gazandy. 49 gol hasaba alyndy. 5 klub bilen wekilçilik edýän «Bundesliganyň» 2 kluby ýeňiş gazandy. 4 klubly ýurtlardan Italiýanyň 1, Angliýanyň 2, Ispaniýanyň 3 kluby täze möwsüme ýeňiş bilen başlady. Şotlandiýanyň Glazgo şäheriniň 2 wekili-de uly hasaplar bilen ýeňlişe sezewar boldy.

«A» toparçada «Aýaks» Ýewropa Ligasynyň wise-çempiony «Reýnjersi» 4–0 ýeňdi. Çempionatda-da möwsüme şowsuz başlan başga bir wise-çempion, Çempionlar Ligasynyň finalçysy «Liwerpul» myhmançylykda «Napoliden» 4–1 asgyn geldi. «Napoli» toparçalarda «Liwerpulyň» derwezesinden 4 gol geçiren ilkinji klub hökmünde hasaba alyndy. 18-nji minutda «Napoliniň» nigeriýaly hüjümçisi Osimhen penalti urgusyny dürs urup bilmedi. «B» toparçada «Klub Brýugge» toparyna «Baýeri» ýeňmek üçin Abakar Syllanyň ýeke-täk goly ýeterlik boldy. 81-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan «Porto» myhmançylykda «Atletikodan» 2-1 hasabynda utuldy. Gollaryň 3-si hem 90-njy minutdan soň geçirildi. 90+1-nji minutda Hermoso hasaby açsa, 90+6-njy minutda Uribe hasaby deňledi. 61-nji minutda oýna giren Antuan Grizmann 90+11-nji minutda topy derweze girizip, ispan klubuna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Çempionlar Ligasynyň taryhynda 2-nji gezek bir duşuşykda 90-njy minutdan soň 3 gol geçirildi. Şeýle ýagdaý geçen ýylyň dekabrynda ýene-de «Porto» bilen «Atletikonyň» arasyndaky oýunda hasaba alnypdy. «C» toparçada Lewandowskiniň het-trik eden duşuşygynda «Barselona» öz meýdançasynda «Wiktoriýa Plzenden» 5–1 üstün çykdy. Çempionlar Ligasynda soňky 5 het-trigiň 3-sini Lewandowski öz adyna ýazdyrmagy başardy. Italiýada oýnalan duşuşykda «Bawariýa» myhmançylykda «Interi» Sane we D'Ambrosionyň gollary bilen 2-0 ýeňip, 19-njy gezek täze möwsüme ýeňiş bilen başlady. «D» toparçada Ýewropa Ligasynyň çempiony «Aýntraht» öz meýdançasynda «Sportingden» 3–0 utuldy. Toparçanyň beýleki duşuşygynda «Tottenham» täze transferi Rişarlisonyň gollary bilen «Marseli» 2–0 ýeňdi. 2-nji ýarymyň başynda fransuz klubunyň goragçysy Şansel Mbemba gyzyl kart aldy.





«E» toparçada tapgyryň ýeke-täk deňme-deň tamamlanan oýnunda «Salsburg» bilen «Milan» utuklary paýlaşdylar. Tapgyryň iň garaşylmadyk netijesi Zagrebde hasaba alnyp, «Dinamo» topary öz meýdançasynda «Çelsini» 1–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 13-nji minutda Mislaw Orsiç derweze girizdi. Bu gol täze möwsümiň ilkinji goly boldy. Bu ýeňlişden soň «Çelsiniň» germaniýaly tälimçisi Tomas Tuhel wezipesinden boşadyldy. 20 aýdan bäri «Çelsä» tälim berip gelýän hünärmen londonlylaryň düzüminde 3 kubok gazanypdy. «B» toparçada Karim Benzemanyň şikes alan oýnunda «Real Madrid» myhmançylykda «Seltigi» 3–0 hasabynda ýeňdi. Soňky çempiona 3 utuk gazandyran gollary Winisius Junior, Modriç hem-de Hazar geçirdi. Modriç 57 ýyldan soň bu ýaryşda gol geçiren iň ýaşuly «really» futbolçy boldy. Hazar bolsa karýerasyndaky 200-nji goluny geçirdi. «Leipsigiň» öz meýdançasynda «Şahtýor Doneskden» 4–1 utulmagy tapgyryň başga bir garaşylmadyk netijesi boldy. Ukrain klubunyň gollaryny Şwed (2), Mudryk hem-de Traore geçirdi. Oýundan soň «Leipsigiň» italiýaly tälimçisi Domeniko Tedesko wezipesinden boşadyldy. Ol geçen ýylyň dekabryndan bäri «Leipsige» tälim berýärdi. Tedeskonyň ornuna Marko Roze toparyň täze tälimçisi boldy.

Dortmundyň «Borussiýasy» öz meýdançasynda «Kopegagani» kabul edip, garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Holannyň 2 gol geçiren oýnunda «Mançester Siti» myhmançylykda «Sewilýany» 4–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Erling Holann Çempionlar Ligasyndaky 20-nji duşuşygynda 24–25-nji gollaryny geçirdi. Ol 20 oýunda 25 gol geçiren ilkinji futbolçy boldy. Şeýle-de, Holann Çempionlar Ligasynda 3 başga klub bilen ilkinji duşuşygynda gol geçiren 4-nji futbolçy (F. Morientes, H. Sawiola, Z. Ibrahimowiç) hökmünde hasaba alyndy. Häzirki wagtda UÇL-de gol geçirmekde norwegiýaly ýyldyz oýunçy Holanndan öňde 31 oýunçy bar. «H» toparçada PSŽ öz meýdançasynda Kilian Mbappeniň 2 ajaýyp goly bilen «Ýuwentusy» 2–1 hasabynda ýeňdi. Mbappe (23 ýaş 260 gün) UÇL-de 35 gola ýeten iň ýaş futbolçy rekordyny 47 gün bilen Lionel Messiden aldy. Toparçadaky beýleki oýunda «Benfika» öz meýdançasynda «Makkabi Haýfany» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Indiki duşuşyklar 13–14-nji sentýabrda oýnalar.

## Toparçalardaky 1-nji duşuşyklaryň netijeleri:

**«AÝAKS» — «REÝNJERS»: 4–0**
(Alwares 17, Berguis 32, Kudus 33, Bergwiýn 80)

**«NAPOLI» — «LIWERPUL»: 4–1**
(Zielinski 5 p, 47, Anguissa 31, Simeone 44 — Luis Diaz 49)

**«ATLETIKO M» — «PORTO»: 2–1**
(Hermoso 90+1, Grizmann 90+11 – Uribe 90+6 p)

**«KLUB BRÝUGGE» — «BAÝER»: 1–0**
(Abakar Sylla 42)

**«BARSELONA» — «WIKTORIÝA PLZEN»: 5–1**
(Kessi 13, Lewandowski 34, 45+3, 67, Torres 71 – Sykora 44)

**«INTER» — «BAWARIÝA»: 0–2**
(Sane 25, D'Amrosio 66 ö.d.)

**«AÝNTRAHT» — «SPORTING»: 0–3**
(Edwards 65, Trinkao 67, Santos 82)



**«TOTTENHAM» — «MARSEL: 2–0**
(Rişarlison 76, 81)

**«DINAMO ZAGREB» — «ÇELSI»: 1–0**
(Mislow Orsiç 13)

**«SALSBURG» — «MILAN»: 1–1**
(Okofor 28 – Salemakers 40)

**«SELTIK» — «REAL MADRID»: 0–3**
(Winisius 56, Modriç 60, Hazar 77)

**«LEIPSIG» — «ŞAHTÝOR DONESK»: 1–4**
(Simakan 57 – Şwed 16, 58, Mudryk 76, Traore 85)

**«BORUSSIÝA DORTMUND» — «KOPENGAGEN»: 3–0**
(Roýs 35, Gerreýro 42, Bellingam 83)

**«SEWILÝA» — «MANÇESTER SITI»: 0–4**
(Holann 20, 67, Foden 58, Ruben Diaş 90+2)

**«PARI SEN-ŽERMEN» — «ÝUWENTUS»: 2–1**
(Mbappe 5, 22 – MakKenni 53)

**«BENFIKA» — «MAKKABI HAÝFA»: 2–0**
(Rafa Silwa 50, Grimaldo 54)



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# Maradona we Argentinanyň 2-nji çempionlygy

13-nji Dünýä çempionaty 1986-njy ýylyň 31-nji maýy – 29-njy iýuny aralygynda Meksikada geçirilýär. Aslynda 1974-nji ýylda bu ýaryşy guramaklyk Kolumbiýa ynanylypdy. Ýöne şol wagtlar bu ýurduň ykdysady ýagdaýynyň pes bolmagy zerarly 1983-nji ýylda 13-nji Dünýä Kubogy 8 ýyl öň hem ýaryşy guran Meksikada geçirilmeli edilýär. Kolumbiýanyň ornuna Kanada bilen ABŞ hem çempionaty özlerinde geçirmek isläpdi. Şeýlelikde, Meksika futbol boýunça Dünýä Kubogyny 2 gezek guran ilkinji ýurt bolýar. Çempionatyň başlamagyna az wagt galanda, has takygy, 1985-nji ýylyň sentýabrynda bolup geçen ýertitremesinden soň, Meksika hem köp kynçylyklary başdan geçirýär. Ýöne FIFA stadionlara zeper ýetmändigini nazarda tutup, şol birwagtyň özünde-de ýurda ykdysady taýdan goldaw bolsun diýen düşünje bilen çempionatyň Meksikada geçirilmegi baradaky kararyndan dänmeýär. Saýlama tapgyryna jemi 121 topar gatnaşýar. Çempionatda 24 topar 6 toparçada çykyş edip, Kanada, Daniýa we Yrak ilkinji gezek wekilçilik edýär. Bu gezek toparçalaýyn tapgyrdan soň utulan-çykdy oýunlary oýnalýar. Toparçalarda 1–2-nji orunlary eýelän ýygyndylar bilen bir hatarda, 3-nji ýeri eýelänleriň iň gowy netije görkezen 4-si ýaryşy dowam etdirýär.

**«A» toparçada** Günorta Koreýa, Bolgariýa, Argentina hem-de Italiýa duşuşýar. Argentina Waldanonyň 2 gol geçiren oýnunda koreýleri 3–1 hasabynda ýeňýär. Bolgariýa bilen 1–1 deňme-deň (Altobelli 44 — Sirakow 85) oýnan Italiýanyň ýygyndysy bilen Argentinanyň arasyndaky duşuşykda-da şol hasap gaýtalanýar (Altobelli 6 p — Maradona 34). Italýanlar Günorta Koreýany Altobelliniň 2 gezek tapawutlanan oýnunda 3–2 hasabynda ýeňýär (Altobelli 17, 73, Ço Kwan-Rae 82 ö.d. — Çoi Soon-ho 62, Huh Žun-Moo 83). Argentinler 3-nji duşuşygynda bolgarlardan Waldano (4) hem-de Burruçaganyň (77) gollary esasynda 2–0 hasabynda üstün çykýar. Argentinadyr Italiýa hem-de Bolgariýa ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar.

**«B» toparçada** ýer eýesi Meksika Belgiýany 2–1 ýeňip (Kuirarte 23, Sançes 39 — Wandenberg 45), Paragwaý bilen 1–1 deňme-deň oýnaýar. Yragy-da Kuirarteniň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utýar. Yragy 1–0 ýeňen Paragwaý 3-nji duşuşygynda Belgiýa bilen utuklary paýlaşýar. Belgiýanyň-da Yragy 2–1 hasabynda ýeňmegi, Meksikadyr Paragwaýdan soň olaryň 2-nji tapgyra çykmagyna uly ýardam berýär.

**«C» toparçada** Waleriý Lobanowskiniň tälimçiligindäki ozalky SSSR-iň ýygyndysy Wengriýany 6–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Her ýarymda 3 gol geçiren ozalky Soýuzyň gollaryny Ýakowenko (2), Aleýnikow (4), Belanow (24 p), Ýaremçuk (66), Daýka 73 (ö.d.), Rodionow (80) geçirýär. Fransiýa bilen 1–1 (Ras 53 — Fernandes 62) oýnan Soýuzyň topary Kanadany-da Blohin (58) we Zawarowyň (74) gollary esasynda utýar. Kanadadan 1–0 (Papin 79) hasabynda üstün çykan fransuzlar Wengriýany 3–0 hasaby bilen ýeňýär (Stopira 29, Tigana 62, Roçeteau 84). SSSR bilen Fransiýa indiki tapgyrda çykyş etmäge hukuk gazanýar. Ilkinji gezek gatnaşan Kanada gol hem geçirip bilmän çempionaty tamamlaýar.

**«D» toparçada** Braziliýa Ispaniýany Sokratesiň (62), Alžiri Karekanyň (66) goly bilen 1–0 ýeňýär. Sambaçylar 3-nji duşuşygynda Demirgazyk Irlandiýanyň derwezesinden jogapsyz 3 gol girizýär (Kareka 15, 87, Josimar 42). D. Irlandiýany Butraguenýo (1) we Salinasyň (18) gollary esasynda 2–1, şeýle-de Kaldere (15, 68) we Eloýyň (70) gollary bilen Alžiri 3–0 hasabynda ýeňen ispanlar Braziliýadan soň, 2-nji tapgyra çykýar.



**«E» toparçada** ilkinji gezek gatnaşýan Daniýanyň ýygyndysy örän gowy netije görkezýär. Olar ilki Şotlandiýany Elkaýer Larsseniň (57) ýeke-täk goly bilen 1–0 utýar. 2-nji duşuşygynda Urugwaýdan 6–1 üstün çykýar. Duşuşykda Elkaýer Larssen het-trik edýär. Beýleki gollary-da Lerbi, B. Laudrup hem-de J. Olsen geçirýär. 3-nji duşuşygynda Günbatar Germaniýa hem Daniýanyň öňünde durup bilmeýär (2–0, J. Olsen 43 p, Eriksen 62). 1-nji duşuşygynda Urugwaý bilen deňme-deň oýnap, Şotlandiýany Wöller hem-de Allofsyň gollary bilen 2–1 ýeňen Günbatar Germaniýa Daniýadan soň 2-nji ýeri eýeleýär. 2 duşuşygyny deňlikde tamamlan Urugwaý 3-nji ýeri eýeläp, 2 utuk bilen 1/8 finala çykýar.

**«F» toparçada** Polşadyr Angliýa bilen deňme-deň (0–0) oýnan Marokko Portugaliýany 3–1 (Haýri 19, 26, Merri 62 — Diamantino 80) hasabynda ýeňlişe sezewar edip, 4 utuk toplaýar we 1-nji orny eýeleýär. Portugaliýadan 1–0 (Karlos Manuel 75) hasabynda asgyn gelen Angliýa Linekeriň het-trigi (9,




14, 34) bilen Polşadan 3–0 hasabynda üstün çykýar. Polşa Portugaliýany 1–0 hasabynda utup (Smolarek 68), ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar.

**Ikinji tapgyrda** Meksika Bolgariýany (Negrete 34, Serwin 61), Fransiýa-da soňky çempion Italiýany 2–0 (Platini 15, Stopira 57) hasabynda ýeňýär. Brazillere 1974-nji ýylda 3-nji ýer ugrundaky oýunda utulan garşydaşy Polşany bu sapar utmak kyn düşmeýär. Sambaçylar Sokrates (30 p), Josimar (55), Edinýo (79) hem-de Karekanyň (83 p) gollary bilen 4–0 hasabynda ýeňiş gazanýar. Argentina Urugwaýy (Paskulli 42), Günbatar Germaniýa-da Marokkony (Matteus 87) 1–0 hasabynda utýar. Lineker (31, 73) we Birdsliniň (56) gollary bilen Angliýanyň ýygyndysy Paragwaýy 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Emilio Butraguenýonyň 4 gezek tapawutlanan duşuşygynda Ispaniýa toparçalarda şowly oýun görkezen Daniýadan 5–1 hasabynda üstün çykýar. Ikinji tapgyryň iň gyzykly oýny SSSR bilen Belgiýanyň arasynda bolýar. Esasy wagty 2–2 deňlikde gutaran oýnuň goşmaça wagtynda Belgiýa 4–3 hasabynda ýeňşini baýram edýär (Şifo 56, Kulemans 77, Demol 102, Klasen 110 — Igor Belanow 27, 70, 111 p). Şol ýyllaryň iň güýçli topary bolan SSSR-iň ýygyndysyna Belanowyň 3 goly ýeterlik bolmaýar.

**Çärýek finalda** 3 oýnuň ýeňijisi penaltiler arkaly kesgitlenýär. Braziliýa bilen Fransiýa 1–1 (Kareka 17 — Platini 40), edil şonuň ýaly-da Ispaniýa bilen Belgiýa 1–1 (Senýor 85 – Kulemans 35) deňme-deň oýnaýar. 11 metrlik jerime urgularyndan soň, Fransiýa 4–3, Belgiýa-da 5–4 hasabynda ýeňiş gazanýar we brazil hem-de ispan futbolçylary öýlerine dolanýar. Braziliýa—Fransiýa duşuşygynda oýnuň ahyrlarynda braziliýaly Artur Zikonyň penalti urgusyny derwezeçi Bats sowmagy başarýar. Esasy wagty golsuz gutaran oýunda Günbatar Germaniýa ýer eýesi Meksikany penalti urgularyndan soň 4–1 hasabynda ýeňip, 8-nji gezek ýarym finala çykýar. Nemesler bu çempionatda o diýen gowy oýnamasalaram ýeňiş gazanmagy başarýar.

## MARADONANYŇ TARYHY GOLLARY

● Dünýä futbolynyň ýatdan çykmajak oýunlarynyň biri, çempionatyň finalyndan hem öňürti ýatlanylýan duşuşyk «Azteca» stadionynda oýnalyp, onda Argentina bilen Angliýa duşuşýar. Käbir meseleler sebäpli arasyna tow düşen 2 ýurduň ýygyndylarynyň bu oýny häzirlerem iň köp ýatlanylýan duşuşyklaryň biridir. Oýunda Diego Maradonanyň tora girizen 2 goly futbolyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylýar. 115 müň töweregi janköýeriň tomaşa eden bu duşuşygynyň 51-nji minutynda Diego Maradona öz beren pasyny yzyna alýar we böküp, topy kellesi bilen, has takygy, eli bilen derwezä girizýär. Ol duşuşykdan soň, bu gol barada: «Taňrynyň eli» diýip, beýanat berýär. Maradona bu goldan 4 minut soň, ýagny 55-nji minutda topy ýarym meýdançadan alyp, öňüne çykan futbolçylary, soňunda-da derwezeçini aldap, hasaby 2–0-a ýetirýär. Bu gol «Asyryň goly» hökmünde ykrar edilýär. Oýnuň 81-nji minutynda Linekeriň goly iňlislere ýeňiş üçin ýeterlik bolmaýar.

**Ýarym finalda** 2 duşuşykda-da birmeňzeş netijeler hasaba alynýar. Günbatar Germaniýa Fransiýany Andres Breme (9) we Rudi Wölleriň (89), Argentina bolsa Belgiýany Diego Maradonanyň (51, 63) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär.

**Bürünç medal ugrundaky oýunda** Fransiýa bilen Belgiýa duşuşýar. Örän çekeleşikli geçen duşuşygyň esasy wagty 2–2 (Ferreri 27, Papin 43 — Kulemans 11, Klasen 73) hasabynda deňlikde tamamlanýar. Goşmaça berlen ýarym sagatda fransuzlar 2 gol geçirip (Jenini 104, Amoros 111 p), 1982-nji ýyldaky dördünjiligini bu gezek bürünç medala çalyşýar.

### MEKSIKA 1986




**Çempion:** Argentina
**2-nji ýer:** Günbatar Germaniýa
**3-nji ýer:** Fransiýa
**4-nji ýer:** Belgiýa

**Gatnaşan toparlar (24):** Argentina, Alžir, Angliýa, Bolgariýa, Braziliýa, Belgiýa, Daniýa, D. Irlandiýa, Günbatar Germaniýa, Günorta Koreýa, Fransiýa, Kanada, Marokko, Meksika, Wengriýa, Italiýa, Yrak, Ispaniýa, SSSR, Şotlandiýa, Polşa, Paragwaý, Portugaliýa, Urugwaý

**Geçirilen wagty:** 31-nji maý – 29-njy iýun (1982)
**Geçirilen duşuşyk:** 52 oýun
**Geçirilen gol:** 132 (ortaça 2,54)
**Tomaşaçy:** 2 394 031 (ortaça 46 039)
**Iň ökde oýunçy:** Diego Maradona (Argentina)



## KUBOK MARADONANYŇ ELINDE

● 29-njy iýunda Mehiko Sitidäki «Azteca» stadionynda oýnalan finala braziliýaly Romualdo Arppi Filio eminlik edip (1982-nji ýyldaky finalda-da braziliýaly eminler jürlewük çalypdy), oňa 114 600 janköýer gatnaşýar. Oýnuň 23-nji minutynda Brown we 55-nji minutynda Waldano tapawutlanyp, Argentina 2–0 hasabynda öňe saýlanýar. Ýöne ruhdan düşmedik nemesler 74-nji minutda Rummenigge we 80-nji minutda Wölleriň takyk urgulary bilen hasaby deňleýär. 83-nji minutda Maradonanyň pasyny alan Horge Burriçaga oýna soňky nokady goýup, argentinlere soňky 3 ýaryşdaky ikinji çempionlygyny gazandyrýar.

## GEÇIRILEN DUŞUŞYKLAR:

**1-NJI TAPGYR: «A»:** Bolgariýa—Italiýa: 1–1, Argentina—G. Koreýa: 3–1, Italiýa—Argentina: 1–1, G. Koreýa—Bolgariýa: 1–1, G. Koreýa—Italiýa: 2–3, Argentina—Bolgariýa: 2–0; **«B»:** Belgiýa—Meksika: 1–2, Paragwaý—Yrak: 1–0, Meksika—Paragwaý: 1–1, Yrak—Belgiýa: 1–2, Paragwaý—Belgiýa: 2–2, Yrak—Meksika: 0–1; **«C»:** Kanada—Fransiýa: 0–1, SSSR—Wengriýa: 6–0, Fransiýa—SSSR: 1–1, Wengriýa—Kanada: 2–0, Wengriýa—Fransiýa: 0–3, SSSR—Kanada: 2–0; **«D»:** Ispaniýa—Braziliýa: 0–1, Alžir—D. Irlandiýa: 1–1, Braziliýa—Alžir: 1–0, D. Irlandiýa—Ispaniýa: 1–2, D. Irlandiýa—Braziliýa: 0–3, Alžir—Ispaniýa: 0–3; **«E»:** Urugwaý—G. Germaniýa: 1–1, Şotlandiýa—Daniýa: 0–1, G. Germaniýa—Şotlandiýa: 2–1, Daniýa—Urugwaý: 6–1, Daniýa—G. Germaniýa: 2–0, Şotlandiýa—Urugwaý: 0–0; **«F»:** Marokko—Polşa: 0–0, Portugaliýa—Angliýa: 1–0, Angliýa—Marokko: 0–0, Polşa—Portugaliýa: 1–0, Angliýa – Polşa: 3–0, Portugaliýa—Marokko: 1–3

**1/8 FINAL:** Meksika—Bolgariýa: 2–0, SSSR—Belgiýa: 3–4 (g.w.), Braziliýa—Polşa: 4–0, Argentina—Urugwaý: 1–0, Italiýa—Fransiýa: 0–2, Marokko—G. Germaniýa: 0–1, Angliýa—Paragwaý: 3–0, Daniýa—Ispaniýa: 1–5

**ÇÄRÝEK FINAL:** Braziliýa—Fransiýa: 1–1, 3–4 p, G. Germaniýa—Meksika: 0-0, 4-1 p, Argentina—Angliýa: 2–1, Ispaniýa—Belgiýa: 1–1, 4–5 p

**ÝARYM FINAL:** Fransiýa—G. Germaniýa: 0–2, Argentina—Belgiýa: 2–0

**3-nji ÝER ÜÇIN:** Belgiýa — Fransiýa: 2–4 (g.w.)

**FINAL:** Argentina — G. Germaniýa: 3–2

## GYZYKLY MAGLUMATLAR

- Bu çempionatdan soň toparçalar san bilen däl-de harplar bilen bellenilip başlanýar («A», «B»... toparça).
- Daniýanyň, Kanadanyň, Yragyň ýygyndylary ilkinji gezek gatnaşýar.
- Yragyň milli ýygyndysy saýlama oýunlaryndaky öz meýdançasynda oýnamaly ähli oýnuny başga ýurtlaryň stadionlarynda oýnaýar.
- Çärýek finaldaky Argentina bilen Angliýanyň arasyndaky oýna 114 580 janköýer tomaşa edýär.
- Urugwaý we Bolgariýa toparçada ýeňiş gazanman 2-nji tapgyra çykýar.
- Meksikanyň milli ýygyndysynyň «Azteca»-da geçiren oýunlaryna (4 duşuşyk) ortaça 112 müň janköýer tomaşa edýär.
- Çempionatyň iň esasy wakasy Maradonanyň topy eli bilen tora girizmegi bolýar. Bu waka çärýek finalda Argentina bilen Angliýanyň arasyndaky oýunda bolup, şonda Maradona ýatdan çykmajak 2 gol geçirýär. Ol şolaryň birinjisini eli bilen, ikinjisini-de 4–5 oýunçyny aldap derwezä girizýär. 2-nji gol futbolyň taryhyndaky iň owadan gollaryň biri hasaplanýar.
- «Altyn butsy» baýragy 6 gol geçiren angliýaly Gari Linekere, «Altyn top» sylagy-da Diego Maradona gowşurylýar.
- Meksika Dünýä Kubogyny 2 gezek guran ilkinji ýurt bolýar.
- «Adidasyň» bu gezekki topy «Azteca» diýlip atlandyrylýar.
- Çempionatyň maskotyna bolsa «Pique» diýlip at goýulýar.
- Final oýnunda 6 sary petek görkezilip, bu rekord 2010-njy ýylyň finalynda täzelenýär.

**TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY**

# Hormatly adamlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, şanly Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň raýatlaryna erkin pul serişdelerini amatly şertlerde ýerleşdirmek üçin **«Garaşsyzlygyň ýalkymy»** atly täze möhletli goýumyny hödürleýär.

**«Garaşsyzlygyň ýalkymy»** möhletli goýumy ýyllyk 8% bilen 6 (alty) aý möhlete we ýyllyk 11% bilen 12 (on iki) aý möhlete açylýar, goýumyň iň az möçberi 1 000 (bir müň) manat bolup, aňryçäk möçberi çäklendirilmedik. Pul serişdeleri nagt görnüşinde kabul edilýär we goýumyň üsti doldurylmaýar, şeýle hem göterimler her aýda hasaplanýar hem-de tölenýär.

Hormatly adamlar! Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, **«Garaşsyzlygyň ýalkymy»** atly täze goýumyň 2022-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan başlap, 30-njy sentýabryna çenli açylýandygyna ünsüňizi çekýär.

**«Garaşsyzlygyň ýalkymy»** möhletli goýumy her bir raýat üçin amatlydyr we ygtybarlydyr!

Giňişleýin maglumat almak üçin bankymyzyň ýörite sorag-jogap gullugyna, şeýle hem internet sahypamyza ýüz tutup bilersiňiz :

**Telefon belgimiz:** (+993 12) 44-03-04

**Internet sahypamyz:** www.tnbk.tm




